# Kömek Kulyýew
# ADAM BOLMAK KYN EKENI...
## Erteki-powest

Waleriý Medwedewiň «Barankin, adam bol!» atly powestiniň äheňinde.

## 1-nji bap

Olam ilki siziň ýalyrakdy. Kiçijik bir adamdy, ýöne adamdy. Her gün säher bilen jaňly sagadyň sesine tisginip turardy, demlengi duran çaýa agzyny ýakdyryp, bir eline sumkasyny, bir eline-de kökesini alyp, mekdebe tarap eňerdi.

Ullakan klas žurnalynda, il deňinde onuňam ady bardy. Ýöne ol öz adyny asla halamazdy. Sebäbi, şol at zerarly onuň gören görgülerini sanap çykjak bolsaň, demiň tükenýär. Beýle diýsem, iliňkiden üýtgeşik, iliňkiden ýaramaz ady bardyram öýtmäň. Onuňky ýaly ady göterip ýören, özem birkemsiz göterip ýören oglanlar bir däl, on dal, gaty kän. Ýöne onuň pikiriçe, şol ady dakynyp ýören oglanlaryň hemmesem baryp ýatan bagtsyz, keçmaňlaý bolmaly. Sebäbi şol at ony her gün sazanaklap tagtanyň öňüne çykmaga çagyrýar. Şol adyň yzynda iki eplenişip duran «2-likler» ony ene-atasynyň, deň-duşlarynyň öňünde ýüzügara edýär. Her gezekki ene-atalar ýygnagynda şol at tutulan badyna, mugallymlar ýerli-ýerden jibrinişip, käýinişip ugraýarlar.

Ynha, indi alty-ýedi ýylyň içidir, ýagdaý şeýle.

«Ýok, mundan at bolmaz, mundan durmuş bolmaz!» diýip, ol içinden kän gezekler zeýrenerdi. Klas aýnasynyň öňündäki agajyň o şahasyndan bu şahasyna böküşip, gaýgy-gamsyz jürküldeşip ýören serçelere onuň hut gözi giderdi. «Şularyňky hezil!» diýerdi. «Süýji ukudan kesilip, säher bilen mekdebe gitme aladalary ýok. Mugallymyň öňünde müzzerip durma gorkusy ýok. Nirä gitselerem, näme etselerem – öz ellerinde» diýerdi. «Wah, menem şularyň biri bolsam bolmaýarmy! Ähli ýoldaşlarymyň içini ýakyp, aýnanyň öňünde eýläk-beýläk bökjekläp ýörsem bolmaýarmy!» diýip, ah çekerdi.

Serçelerem ony has öjükdirjek bolýan ýaly, «jürkde-jürk», «jykyrda-jykyr». Bir köpi gören, garry serçe bolsa käte edil aýnanyň öňüne gonýar-da, ýaňky oglana seredip «juk-juk-juk» diýýär, hatda başjagazynam ýaýkan bolýar. Garry serçäniň bu hereketini özüne duýgudaşlyk hasap edip, oglanyň bokurdagy dolardy. Şol garry serçeden başga oňa nebsi agyrýan ýok. Serçäniňem duýgudaşlygyndan peýda barmy näme! Ol görgüli «A-how, adamlar, bu ikilikçi neressä haýpyňyz gelsin. Ony öz gününe goýuň!» diýip bilmese. Ýa-da onuň ýerine ähli sapaklary özleşdip, «5-lik» alyp berip bilmese. Iň bolmanda öý işini işlemäge kömek edip bilsedi. Ýok-la, serçe nire – bu düşnüksiz mysallar, meseleler nire. Wah, serçeleriňki hezil-le!

## 2-nji bap

Bir bar eken, bir ýok eken, bir jadygöý bar eken. Özüniňem soňky döwürde işi şowuna däl eken. Asyl nirä barsa, oňa ýüz berip, sözüne ynanýan adam bolmasa nätjek. Ulularyň-a hemmesi ony samsyk hasaplap, üstünden gülýän eken. Kimiň ýanyna baryp:

— Men jadygöýdürün, näme haýyşyň bolsa aýt! — diýse:

— Göteril-ä, aňkasy aşan! Häzirem bir jadygöý bormy? Bolaýanda-da, meniň jadygöýe galyp duran işim ýok. Hemme zadymam bar, ýerbe-ýer! — diýip, ony kowar eken. Yzyndanam:

— E-heý, sähne, bütinleý akylyňdan azaşaýmankaň, tizräk doktora bar, özüňi bejert! — diýip, gygyryp galýarmyşlar.

Gepiň gysgasy, jadygöý bütinleý işsiz galypdyr, abraýdan düşüpdir.

Başga alaç galmansoň, jadygöý: «Iň bolmanda, kiçileriň arasynda bir maňa hyrydar çykan tapylmazmyka?!» diýip, şäherme-şäher, obama-oba aýlanmaga başlapdyr. Özem bir gün adam sypatynda aýlansa, ertesi towşana öwrülýärmiş, soň bir görseň, guş bolup gaýyp ýör diýýär.

Jadygöý bir gezek penjiräniň öňünden geçip barýarka, penjireden içerik seretse, birtopar oglanmygyzmy, kitap okap, hat ýazyp, garabaşynagaý. Olaryň arasynda bir oglanyň welin ne hat bilen işi bar, ne-de

kitap bilen. Iki elini dulugyna diräp, çuň oýa batyp otyr, özem käte-käte daşardaky serçelere seredip, uludan demini alýar. Jadygöý onuň öňünde açylgy duran gündelige seredip görse, gündeligiň gatlary küýküje-küýküje garynjadan doly. Geň galan jadygöý gündelige has içginräk seretse, ýaňky küýküjeler garynja däl-de, «2-lik» eken. «Ä-hä, duruber bakaly! Görýän welin, gardaş, seniňem işleriň ugruna däl bolara çemeli. Sen-ä meniň kömegimden ýüz öwrüp durmasaň gerek!» diýip, jadygöý içini gepletdi. Şondan soň, ol her gün garry serçäniň sypatyna girip gelip, ýaňky oglanyň edýän pikirlerini okamaga, arzuw-hyýallaryny öwrenmäge başlady.

## 3-nji bap

Günlerde bir gün ýaňky oglan mekdepden çykyp, gamgyn halda öýlerine gaýdyp barýardy. Gündeliginde bolsa täzeje bir «2-lik», «2-ligiň» gapdalynda hem oglanjygyň kakasyny mekdebe çagyrýan hat ýatyr. Birden oglanyň gulagyna «jirk-jirk, juk-juk» diýen tanyş ses eşidildi. Ol başyny göterse, iki ädim öň ýanyndaky topbajyk çöpüň üstünde şol garry serçe otyr.

Jany ýanyp duran oglan serçäni gorkuzjak bolup, aýaklaryny tapyrdatdy, serçe sarsmady. Oglan aşak eglip, ýerden kesek gözläp başlady. Serçe welin äwenogam gözüniň gyýtagy bilen oglany synlap, gozganman otyr. Oglan ahyrsoň daşmy, kesekmi, bir

zat tapyp, dikeldem welin, ýaňky serçe çöpüň üstünden böküp düşdi-de... adama öwrüldi duruberdi. Hälki ýumruk ýalyjak serçe, ynha, indi görseň oglanyň üstüne abanyp:

— Salam, eý, ikilikçi oglan! Men jadygöý! Näme haýyşyň bolsa, aýdyber! — diýip dur.

«Ikilikçi» lakamyny oglan juda ýokuş görýärdi. Häzir bolsa ol şeýle bir aljyrady welin, hatda ýokuş görmegem ýadyndan çykardy. Diňe biraz salymdan soň, kynlyk bilen özüne geldi. Şol bada-da sumkasyna ýapyşdy. Depderini çykardy. Ellerini sandyradyp, gerekli sahypany açdy!

— Jadygöý aga, ş-şu meseläni işläp berermiň? Ynha... «5 sany kökäniň hiç birini-de 6 bölege bölmän, olary 6 sany çaga deň paýlamaly».

— Aý, munyň-a, iň emelsiz, siziň diliňizde aýtsam, «ikilikçi» jadygöýem çözer. Sen ýa-ha meni oýnajak bolýarsyň, ýa-da synap görýärsiň!

— Ýok, meniň çypbakaý-çynym, jadygöý aga!

— Çynyň bolsa, diňle onda! 5 kökäniň 3-siniň her birini iki deň bölege bölüp, 6 sany deň bölegiň her birini bir çaga bereris. Soňra galan 2 kökäniň her birini 3 bölege bölüp, 6 sany deň bölek alarys we her birini bir çaga bereris. Ine, şeýtseň, kökäni 6 bölege bölmegiň geregem bolmaz — diýip, jadygöý meseläni çöp döwen ýaly etdi.

— Bäý-bä-ä...

Okuwçy üçin şundan artyk jady gerek däl. Onda-da ikilikçi üçin. Şeýle kyn meseläni bir demde çözüp bilýän adam ýa jadygöý bolmaly, ýa-da mugallym.

— Başga nähili haýyşyň bar, oglan?

— Ertir meniň kakamy mekdebe çagyrýarlar. Men zerarly, onuň ýene ýüzüni gyzardarlar. Olam gelip, meniň eýimi ýetirer. Sen ertir mekdepde mugallymlaryň hemmesi biragyzdan meni öwer ýaly et! Goý, olar beýlekileriň kakalaryna diýişleri ýaly, meniň kakama-da «Ýoldaş pylanyýew! Şeýle ukyply, akylly ogul ösdürip ýetişdirýänligiňiz üçin, köp sag boluň!» diýsinler.

Jadygöý bir salym oýurganyp durdy-da, başyny ýaýkady:

— Aý, ýok, oglanjyk, munyňy men oňarman. Mugallymlara meniň jadym ýöremez. Olar menden bilimli, menden akylly. Näme diýseň diý welin, mugallym diýme...

Oglan jadygöýüň bu diýenleri bilen bada-bat ylalaşdy. Başga näme haýyş etjegini bilmän, dymdy. Jadygöý uludan bir pallady:

— Bar dilegiň şularmydy, oglan? Men-ä gidiberjek onda!

Oglan alňasady:

— Dur entek, jadygöý aga...

Oglan ýeňsesini gaşady, jadygöýüň ýüzüne seredip, ýuwdundy. Onuň ýaýdanyp durşuny görüp, jadygöý ýylgyrdy:

— Hany, sen «Serçe bolsam!» diýip ýördüň-le?!

— Wiý, haw-wa!!! Sen ony nireden bilýäň?

Jadygöý onuň sowalyna sowal bilen jogap gaýtardy:

— Serçe bolasyň gelýäni çynyňmy?

— Çypbakaýja-çynym!

— Edil häzirmi?

Oglan ikirjiňlendi. Ikirjiňlemez ýalymy! Şunça wagtlap adam bolup gezip, birdenem serçe ýa-da başga bir zada öwrüläýmek oýun zatmy?! Onsoňam şu wagt serçä öwrülip oturyberse, onuň sumkasyny, kitap-depderlerini kim öýe eltsin.

Sumkasy, sumkanyň içindäki gündelik, gündeligiň içindäki «2-lik» bilen kakasyna ýazylan hat ýadyna düşende, oglan tisginip gitdi, ony gaýtadan der basdy. Neresse:

— Hawa, häzir! Edil häzir! Duran ýerimde... — diýiberdi.

— Onda men tä gözden ýitýänçäm, sen «jürk-jürk-jürk» diýip, iki eliňem ganat ýaly galgat-da duruber. Men gözden ýiten badyma, sen serçä öwrülersiň — diýip, jadygöý ugraberjek boldy.

— Dur entek, jadygöý aga! Serçä öwreniňe görä meni serçe dilinde gürlär ýalam et-dä!

— Bolýa, seniň diýeniň bolsun! Ýöne onuň deregine sen indi adam diline düşünseňem, gürläp bilmersiň.

— Aý, adam dilinde gürlemegiň maňa geregem ýok! — diýip, oglanjyk elini salgady. — Serçelerde mekdep, okuw, sapak diýlen zatlar ýokdur-a?

— Ol zatlar-a ýok. Ýöne sen ýene bir zady bilip goý, men gaýdyp adama öwürmegiň tärini bilýän däldirin!

— O-da hiç!

Jadygöý yzyna öwrüldi. Onuň tä garasy ýitýänçä, oglan göýä uçjak bolýan ýaly ellerini galgadyp, «jürk-jürk» diýip, gaýtalady durdy. Birdenkä ol özüni guşuň peri ýaly ýeňiljek duýdy.

Gulaklarynda ýel şuwwuldap, gözleri ýaşaryp ugrady. Ol gözüni açalak-ýumalak edip, aşak seretse, jaýlar ýumurtga ýaly, adamlar hem garynja ýalyjak görünýär. Asyl ol eýýäm uçup barýan bolsa nätjek! Onuň «E-heý, adamjyklar, maňa serediň, maňa!» diýip gygyryberesi geldi.

## 4-nji bap

Ol tä ganatlary ýadap, ysgyndan gaçaýýança uçdy. Heziller edindi. Mekdebiň üstünden on-on bäş öwrüm edip, soň öňki öýlerine tarap tutdurdy. Işikde ösüp oturan garry tuduň şahasyna baryp gondy-da, aşakdaky, ýeriň üstündäki durmuşy ýokardan synlamaga başlady.

Gapydan ilki bilen ýaňy mekdebe gatnap ugran inisi çykdy. «Anha, indi öýüňem, mekdebiňem bar jebrini özüň çekiber!» diýip, serçä öwrülen oglan

içini güldürdi. Onuň şu wagt hakyky serçe bolup, tuduň şahasynda oturanlygyny biläýse, inisi näderdikä?! Geň galmakdan hem görübilmezlikden ýaňa gözi hanasyndan çykardy. «Eje-e-e, menem serçe boljak!» diýip, zörledip ugrardy. Oglan-serçe durup bilmedi. Şuwlap aşak gaýtdy-da, inisiniň edil burnunyň öň ýanyndan okkesdirme geçdi. Inisi gorkudan ýaňa tas arkan ýykylypdy. Ol gözüni elek-çelek edip, esli wagt durdy. Onýança içerden:

— Gyýw, Batyr, seret hany, gelmeýärmi? — diýip, ejesiniň sesi çykdy. Inisi burnuny çekip goýberdi-de, duran ýerinden töweregine garanjaklan bolup:

— Ä-ä, gelenok! — diýdi.

«Samsyk, agaň depäňde otyr ahyryn!» diýip, oglan-serçe içini gepletdi. Soňrak ejesiniň özi çykyp seretdi. Elini gözüniň üstüne kölegeledip, kän durdy.

— Wah, şundan ýaňa göwnüm ynjalman, gulagym dynman gitdi-dä! — diýip, hüňürdeý-hüňürdeý içeri girdi.

Bäş-on minut geçmänkä, ejesi ýene çykdy.

— Batyr, bar, görüp gel hany, Gurban dagy gelipmi?!

Oglunyň klasdaşlary Gurban dagynyň bireýýäm gelenini eşidenden son, ejesi hasam howsala düşdi:

— Allajanlarym, näme bolduka muňa? Maşyn-paşynyň aşagyna düşmedik bolsa ýagşydyr hernä!

— Aý, näme bolandyr öýdýäň şo bihepbäňe! Sapakdan soň mekdepde alyp galandyrlar ýa-da oglanlar bilen pökgi kowalap ýörendir — diýip, kakasam içerden dillendi.

— Wah, balajygym nirede bolanda-da, şu wagta gelmel-ä! Gün ýaşyp barýar ahyryn!

Ejesiniň jibrinip, iki ýana zowzuldap ýörşüni görende, oglan-serçäniň bogazjygy doldy. Ejesi özüni beýle gowy görýändir öýdüp, onuň şu wagta çenli kellesine-de gelenokdy. Ol saklanyp bilmän, tas «Eje, men bärde!» diýip gygyrypdy. Özüniň indi adam dilinde gürlemäge hakynyň ýoklugy ýadyna düşüp, hyrçyny dişläýdi.

Onýança ýokardan şuwwuldap bir topar serçe geçiberdi. Oglan-serçe petekesini dolduryp, uludan demini aldy-da, kynlyk bilen ýokary göterildi. Serçeleriň yzyndan uçdy gitdi.

## 5-nji bap

Ilki-ilkiler ol barada serçeleriň arasynda uly gürrüň boldy. Gürrüňiň başyny bir gözi çaşyrak, uruşganlygyndan bolsa gerek — kellesi tä beýnisine ýetiberýänçä çokulan, şol bolşuna-da juda garagolsyraýan serçe başlady:

— A-haw, serçeler, täzeden bäri aramyzda biri görünýär welin, asyl öň göze ilýän zat däldi-le?! Özem hondan bärisiräp, ile goşulanog-aý!

— Haww-aý, gökden düşen ýaly öz-ä!

— Dilem çalgyrdrakmy-nämemi?..

— Dilini özi bilsin welin, asyl oňarýan zady ýok onuň! Ne gurçuk çöplemegi oňarýar, ne-de çekirtge tutmagy.

— A-haw, birhili syrlyja görünýär welin, Çotdy serçe dagynyň iberen jansyzy bolaýmasyn şu?!

— Aý, senem onarýaň-ow! Onun ýaly nalajedeýindenem bir jansyz bolarmy! Hol Çalyň ýa-da Körüň toparyndan azaşyp galan aňkaw diýerler oňa!

— Azaşanam däldir şol. Kowlup gelendir.

Iň ýokardaky şahada sesini çykarman oturan gartaşan serçe bir ganatyny galdyrdy. Jedel tapba ýatdy. Gartaşan serçe serçelere mahsus bolmadyk agraslyk bilen söze başlady:

— Jemagat! Hemmäňiz pikiriňizi aýdyp bolan bolsaňyz, indi maňa gulak asyň! Çalgyrt bolsa-da, aňkaw bolsa-da, başga topardan bolsa-da, azaşyp ýa-da kowlup gelen bolsa-da, ol serçe. Ser-çe! Diýmek, özümiziňki. Kesip taşlara ýerimiz ýok. Şonuň üçinem, ony gyrakladyp, gybatyny edip ýörmän, gaýtam, özümize çekjek bolalyň! Belki, öwrenişip bilýän däldir, belki, başga bir derdi bardyr. Meniň pikirimçe, oňa haýsy-da bolsa bir möhüm ýumuş tabşyrmaly we şeýdip ony zähmet arkaly terbiýelemeli!

«Zähmet arkaly terbiýelemek» diýmeklik serçeleriň dilinde sütüniň süýnýänçä işletmekligi

aňladýardy. Şonuň üçinem serçeler ýaňky gartaşan serçäniň pikirini bada-bat alyp göterdiler:

— Eý, biziň parasatly, ýeňilmezek serdarymyz! Seniň sözleriňde diňe hakykat bar. Biz seniň akylyňa, adalatly hökümiňe öňem boýundyk, häzirem boýun!

— Hawa, ojagaz deljäni serdaryň aýdyşy ýaly edip terbiýelemeli!

— Goý, özüni görkezsin!

— Ynamy ödemese-de, görübiris!..

— Duruň-how entek! Hany, oňa näme ýumuş tabşyrarys?

Serçeleriň arasyna dym-dyrslyk aralaşdy. Olaryň pikirini bilmek üçin, toparyň serdary — gartaşan serçe-de sesini çykarmady. Umuman, ol beýlekileriň sözlerini diňläp-diňläp, iň soňundan hemmesinem ýalana çykaryp goýbermegi gowy görýärdi.

Birhaýukdan soň, perleri sal-sal, bir serçe naýynjar halda dillendi:

— Eger garşy bolmasaňyz, serdarymyzam makulla-sa, şol täze gelen serçäni maňa berseňiz! Meniň maşgalam agyr, eklejegem özüm. Kakalarynyňam... — diýdi-de, gözlerini ýaşartdy.

— Ejizleme, Küleje, ejizleme! — diýip, bir ekabyr serçe onuň sözüni böldi. — Seňkiden agyr maşgalany ekläp gördük, ýeke özümiz ekledik. Şonda-da zeýrenmäň, ejizlemäň nämedigini bilen däldiris. Merdräk bolarlar...

Maslahaty serdar jemledi:

— Onda mende şeýle bir teklip bar! Agsak janawaryň nä güne düşenin-ä hemmäňizem bilýäňiz. Ýatan ýeri ýagty bolsun pahyryň, pişige ýesir düşüp, serçelerçe gurban boldy. Onuň ýanýoldaşam bir bezzadyň kemanyndan heläk boldy. Höwürtgelerinde bir topar ýumurtga eýesiz galdy. Ine, şol höwürtgäni, şol ýumurtgalary täze geleniň — Deljäniň boýnuna ýükläýsek diýýärin. Goý, sakçylyk etsin, çülpeler ýumurtgadan çykansoňam ekläp-saklap, ile goşsun!

Serçeler mähellesi serdaryň bu teklibinem biragyzdan alyp göterdi. Iki sany serçe ýör-hä-ýör bilen Deljäni (oglan-serçä bizem indi Delje diýibereliň!) öňlerine salyp geldi. Serçeleriň düzüm-düzüm bolup oturanyny gören Deljäniň huşy başyndan uçdy. «Hiýh, ene-atalar ýygnagy oguşýan... Işim gaýtdy!» diýip, ol pikir etdi.

— Serdaryň ýanyna, serdaryň! — diýip, ony alyp gelen serçeleriň biri çüňki bilen onuň ýeňsesini çalarak gyzdyryp goýberdi. — «Wah, öňräjik, men entek adamkam, şeýtjegiňizi bilen bolsadym, serdaryňyz-perdaryňyz bilen birlikde dyr-pytrak ederdim welin...» diýip, Delje içini hümlede-hümlede, serdaryň gaşyna bardy.

Serdar oňa tarap gözüniň gyýtagyny çalaja aýlady-da, serdar gedemligi bilen sowal berdi:

— Sen, bi, Agsaklaryň höwürtgesini bilýäňmi?

Delje görgüli Agsagy nireden bilsin — towsagy nireden bilsin. Ol eginjigini gysdy.

— Bilmeseň, görkezerler. Şol höwürtge üçin, höwürtgedäki ýumurtgalar üçin başyň bilen jogap bermelisiň! Bu gün-erte ol ýumurtgalardan bir topar eýjejik serçe çykar. Olary eklemegem seniň boýnuňa. Ýatdan çykarma, eger şolara bir zat bolaýsa... — Serdar haýbat bilen pysyrdady. — Onda men seni öz çüňküm bilenjik üterin!

## 6-njy bap

Agsaklaryň höwürtgesi obanyň garagörnüm çetindäki harabanyň jaýrygynda ýerleşýän eken. Delje bu harabanyň her bir kesegine, deşigine-jaýrygyna bäş barmagy ýaly beletdi. Öň özi ýaly işýakmaz oglanjyklaryň bir topary bilen höwürtge bozmaga telim sapar gelipdi.

Delje köne höwürtgä, onuň içinde akjaryp ýatan ýumurtgalara seňrigini ýygryp seretdi. Aýajygy bilen olaryň birini çalarak depibem goýberdi. Birdenem, serdaryň haýbatly sözleri ýadyna düşüp, töweregine ýaltaklady. Uludan demini alyp, emaý bilen ýumurtgalaryň üstüne çökdi. Bir salymdan soň, beýdip oturmaga-da karary ýetmän, böküp daşary çykdy, Gum-kesege öwrülip barýan harabany täzeden, serçe nazary bilen synlady. Höwürtgeden ýere çenli aralygy gözi bilen ölçäp gördi.

— Äý, nadanlar diýsänim! Ýerden ýigrimi bäş gulaç ýokarda diýip öwýän höwürtgäňizem şumy? — diýip, hälki özüni getirip giden serçeleriň yzyndan

käýinjiredi. — Munyňyz ýerden iki gulajam ýog-a! Bir oglanjyk beýlekiniň egnine münse, bujagaz höwürtgäni kellesine geýibem giderler... Aý, geýse-geýip geçsinler, tozdursa-tozdursynlar, maňa näme! Uçar-da giderin.

Şol wagt serdaryň «Öz çüňküm bilenjik üterin!» diýen sözleri gaýtadan gulagyna gelen ýaly boldy, göýä serdaryň polat çüňki depesinden inip gelýän ýaly, boýnuny içine ýygryp, kellejigini eginleriniň arasynda gizledi. «Üter, hökman üter! Perimi tozdurar, gözümi akdyrar!» diýip, galagop halda oýlandy. «Ýeri, onda nätmeli? Ýokarrakdan başga höwürtge gurmalymy? Aý, täzesini gurýançaň, sütüniň süýner-le... Ýokarda boş duran höwürtge ýokmuka?»

Delje pysyr-pysyr edip, o diwardan bu diwara, o jaýrykdan bu jaýryga gatnap başlady. Uzak wagtlap sermenenden soň, harabanyň belent ýerinde gurlan bir bolgusyzja höwürtgäniň üstünden bardy. Onsoň bir ýerden adamyň aýasy ýaly letde tapdy. Ýumurtgalaryň birini şol letdäniň üstüne togalap, letdäniň dört burçunam bir ýere jemledi-de, çüňküne gysdyryp, täze tapylan höwürtgä eltip geldi. Ýumurtgalary şeýdip ýeke-ýekeden daşady. Öler ýaly ýadady. Ajykdy. Ýöne nätsin, näme iýsin? Beýleki serçeler ýaly gurçuk-purçuk, mör-möjejik tutup garbanaýyn diýse, işdäsi alanok. Gaýtam, beýlekiler:

«Şu gün pylança gurçugy bir özüm lak-luk atdym» diýip, öwnüşip ugrasalar, onuň aňyrsy bärsine gelýär.

Bugdaý-jöwen bişerden bolsa entek ir. Çörek owuntygynyňam çaşyp ýatan ýeri ýok. Bar ýerinden çöpläýjegem bolsaň, ullakan töwekgelçilik gerek. Başyňy etegiňe salyp gitmeli. Çörek owuntygynyň pytrap ýatan ýerinde dyrnaklary syh-syh pişikleriň, eli kemanly bezzatlaryň köwejekleşip ýörýändigini kim bilmeýär?!

Öňküler ýaly, «Gel, balam, naharyň sowady» diýere ejesi ýok. Oýnap ýörkäň ajygaňda, «Bar, öýden çörek getir! Üstüne-de mesge çalyp getir!» diýip iberer ýaly inisi ýok. Aldap, elinden kökesini alyp iýerin diýse, agzyny açyp ýören aňkaw Aman ýok. E-e-eý, o döwürler... o günler... Gadyry bilinmändir-dä ol günleriň!

Deljäniň bir oňarýan zady uludan-uludan dem almak, şony berjaý edensoň, höwürtgä geçdi-de, ajöze, ýadaw halda uklamakçy boldy. Ýöne ýumurtganyň üstünde ýatmaga endik etmänsoň, aşagy ýumakly ýaly, eýläk-beýläk togalanyp, uzak gijäni ukusyz diýen ýaly geçirdi.

## 7-nji bap

Delje bir gün gelse, höwürtge öňküsindenem daralan ýaly. Ozal arkaýyn girip-çykaýmasy bardy welin, indi kellesini soksa, guýrugy daşarda galýar, götinjekläp girse-de, kellesi daşarda somalyp dur.

«Bu nähili bolýar-aý? — diýip, Delje kiçijik kellesine agram salmaga başlady. — Ýumurtgalar köpelipdagy edäýdimikä? Hany, sanap göreýin: bir, iki, üç,

...Üstünde oturanymy sanadymmaý?! Hany, bir, iki, üç, dört... Beh, öň bir sanamda, jüp däl-de, täk çykan ýaly-la! Köpeläýen-ä däldir-dä... Öz-özünden nädip köpelsin! Tersine, azalan bolaýmasyn?! Azalan bolsa, onda höwürtge daralman, gaýtam giňelmezmaý? Hany, mugallym näme diýip öwredýärdi entek?!

Mukdaryň möçbere bolan gatnaşygy... Ýok, möçberiň mukdara bolan...» Deljäniň kellesiniň içi bulam-bujar boldy. Özüniň hasapdan asgynlygyna ol ilkinji gezek ýaman ahmyr etdi. Hasap diýlen zat serçe bolsaňam, gerek eken. Wagt bolsa geçip dur, geçip dur. Delje eýlesine-beýlesine garanmaga ýetişmänkä, höwürtgedäki ýumurtgalar gyzgylt öwsüp, gezekli-gezegine çyzyk açyp başlady. Ine, bir günem olardan sary çüňklüje, gyzyletene, birmeňzeşje jandarlar jüýgüldeşip çykdy. Çykan batlaryna-da, «Iýjek-de-iýjek!» bolşup, Deljäniň gulagyny guk etdiler.

Delje görgüli her gün iýmit gözleginde menzil-menzil ýol geçýärdi. Diňe garaňky gatlyşyberende, ganatlaryny zordan galgadyp, höwürtgä özüni atýardy. Daň ataram welin, ýene şol öňki güzeran, şol öňki güzap.

Iýmit tapmak diýeniňem dilde aňsat ekeni. Ýokaryk galsaň-a, depäňden gyrgy garawullap dur,

ýere gonsaňam, pişik ýapyrylyp gelýär. Getiren iýmitiňi bu gyzyletenelere sag-aman iýdiräýjek bolsaň, ondanam kyn. Ala-basgy bolşup, bir-birinden öň iýjekler. Sähel göz-gulak bolmasaňam, iýmite düwnüp, gök-dalak bolýarlar. Şonuň üçinem olaryň hersi öz paýyny sag-aman bokurdakdan ötüräý-ýänçä, Delje höwürtgäniň agzyny saklap oturardy. Özem olaryň gurçuklary, mör-möjekleri açgözlük bilen ýuwudyşlaryny görmejek bolup, gözüni ýumardy.

Ýumurtgalaryň biri juda haýal, hemmesinden soň çyzyldy. Ýöne ondan çykan guş çagasy welin öňki-soňkynyň çaky bolmady. Asyl onuň garnynyň dok, gözüniň doýgun wagtyna gabat gelip bolmasa nätjek! Haçan görseň agzy açyk, haçan görseň iýermen. Özem kän symyşlaýanlygyndanmy-nämemi, günsaýyn däl-de, sagatsaýyn ýognap, ulalyp barýar. Sanly günüň içinde ol Delje bilen deňeçer boldy, soň ondanam ozdurdy. Indi ol Deljäniň getirýän iýmitini diläp däl-de, basyp alyp iýýärdi. Bu bedähediň syry basym äşgär boldy.

Käte-käte bir ýerlerden ikatýoguň «Iki-at-ýok! Iki-at-ýok!» diýip zarynlaýan sesi gelýär welin, ýaňky mähnet guş çagasam symyşlamasyny goýup, diňşirgenýär. Soň o-da öňe-öňe omzap, bogazyndan «Kat-ýo-ok» diýen ýalyrak ses çykarýar.

Delje bir gezek bu hadysanyň edil üstüne geldi. «Ikatýok köplenç öz çagasyny özi eklemeýär. Heniz

ýumurtgadan çykmanka, ony başga guşlaryň höwürtgesine taşlap gidýär» diýip, mekdepde eşiden gürrüňi güpbe ýadyna düşdi.

Nämäniň-nämedigine göz ýetiren Deljäniň gahary bokurdagyna geldi. «Men seniň atyňy bir gözüňe görkezeýin-le!» diýip, ol ikatýokjygyň üstüne topuldy. Öňdenem darajyk, çagşan höwürtgäniň içinde gopdy bir topalaň. Boldy bir güpür-tapyr. Deljäniň «Mugthor! Ýatyber! Bihaýa!» diýen janyýangynly jibrinmesi, ikatýoguň naýynjar jüýgüldisi, zähresi ýarylara gelen çülpe serçeleriň galagoply pysyrdylary...

Delje mugthor ikatýoguň eýini mazaly ýetirenden soň, höwürtgeden çykyp, hol beýlede gondy. Jany agzyna gelen ikatýoguň iňlemä meňzeş jüýgüldisi içerden soňam geldi durdy. Gahary ýatyşyp, birneme köşeşenden soň, Deljäniň ikatýokjyga nebsi agyryp ugrady.

«Ýowuzrak daraýdym öýdýän! — diýip, ol içini gepletdi. — Hakyna seretseň, munda günä-de ýok ýaly. Günä muny şeýdip taşlap giden ata-enesinde».

Delje biraz oturyp, dem-dynjyny alansoň, awuň gözlegine çykdy. Bir çalajan ýagyş gurçugyny çüňküne gysdyryp gaýdyp geldi. Onuň garasyny görenden, ikatýokjyk gorkup, höwürtgäniň bir böwrüne gysyldy.

— Näme sandyran bolýaň? Iýesim ýok! Al, düwnüp geçen...

Delje getiren iýmitini onuň agzyna atdy-da, hüňür-hüňür edip, çykyp gitdi.

Ertesi goňşy serçe oňa sowal berdi:

— Ýeri, Delje, düýn höwürtgäňde näme gopgun turdy? Gykylygyňyz-a ýaman belentden çykýardy.

— Aý... — Delje ganatyny salgap goýberdi. — Ýumurtgalaryň birinden ikatýok çykdy.

— Senem ony ekläp ýörmüň? Kow ony, derrew kow! Gümüni çekip goýber!

— Kowaňda, ol nirä gitsin? Enesi bolmasa, atasy bolmasa, agasy ýa inisi bolmasa. Guş diýeniňde iň bolmanda klasdaş-zadam-a ýok, bir gije öýünde ýataýaryn diýer ýaly.

— Klasdaşyň näm-aý? — diýip, goňşy serçe onuň ýüzüne jiňkerildi.

— Dost, ýoldaş diýen ýalyrak-da!

— Dost-ýoldaşyň näme?

— Saňa nähili düşündirsemkäm... Höwürtgedeş diýen söze golaýrak-da!

— Hä-ä! Şeý diýsene!

## 8-nji bap

«Bir goýundan ak hem dogar, gara-da» diýenleri çyn ekeni. Serçe çagajyklarynyň hemmesi birmeňzeş ýumurtgadan çyksa-da, hersi özbaşyna häsiýet bolup döredi. Biri agrasja, hatda tekepbirrägem, beýlekisi onuň tersine, baryp ýatan gykylykçy, uruşgan, üçünjisi gorkak hem gysganç, bir zat iýende-de,

aňyrsyna bakman, gizlemän iýip bilenok. Ikatýokjyg-a öňdenem serçe iline goşulýan zat däl. Onuň diňe agzy boş durmasa bolýar. Tekepbirligiň bilenem işi ýok, gykylygyň, gysgananyň bilenem.

Delje bu ganatly ýetimjikler bilen uly görgä galdy. Sähel haý-küş etmeseň, biri ters öwrülip, dommarylyp otyr, nämemiş, iýmiti agzyna tutdurmanmyşynlar, şonuň üçinem öýkelänmiş. Ýöne onuň bilen oňuşsa boljak-la. Derdiň ýamany beýlekide — gykylykçyda. Özüne getirilen zady iý-män, hamana, gysganjyň iýmitiniň baly bar ýaly, şoňa ýapyşýar. Gysganç diýeniňem özüňe belli, ýekeje owuntyk hakyny gidereden, şol owuntyga düwnüp ölenini gowy görýär.

Ine, onsoň, iki doganyň arasynda turýar bir dawa, turýar bir topalaň. Ol aňryk çeker, bu bärik, ol urar çüňki, bu-da ondan kem galmaz. Şeýdip, iýmitem ýatdan çykar, beýlekem. Şol aralykda, bularyň agzyna seredip, ýuwdunjyrap oturan ikatýokjyk assyrynlyk bilen geläge-de, ikisiniňem paýyny lak-luk atýar.

Soňurrak, aç galan gysganç «Nätdiň, nätdiň?!» diýip, aglamjyrap ugrar. Uruşgan bolsa çüňki bilen o ýerini-bu ýerini barlaşdyran bolup oturyşyna «Hakyňdan, deňje paýlaşan bolsaň, ikimize-de ýeterdi!» diýip, ony barha öjükdirýär. Agras serçejik bolsa doganlarynyň ikisiniňem üstüne gygyrýar-da, soň ikisindenem öýkeläp, dymýar.

Delje bulary ýaraşdyrjak, oňuşdyrjak bolup, ganat-perden, güýç-kuwwatdan aýrylyp barýardy. Halys degnasyna degensoň, onuň käte-käte «Sizdenem bir dogan bormy, bihepbeler! Ynha, biz öz doganymyz bilen...» diýip gygyryberesi gelýärdi. Ýöne özüniňem inisi bilen oňşugynyň şundan öwerlik bolmanlygy ýada düşüp, sesini çykarmazdy.

Deljäniň bagtyna, serçejikler tizarada uçmagy öwrendiler. Ilki bilen uruşgan uçdy. Uzakly gün höwürtgede iýmit getirilerine garaşyp oturmaga onuň karary ýetmedi. Ine, onsoň, bir gün höwürtgeden kellejigini çykaryp, aşak seredip otyrka, ýerde gyrmyldap barýan jandarjygy gördi-de: «Jik-jik, möjejik! Jirk-jirk, möjejik!» diýip, göni aşaklygyna gaýdyberdi. Onuň gapdalynda oturan gysganç ýerdäki möjejigi görmese-de, doganynyň bir zat tapanyny aňdy. Onsoň doganyndan öňürtjek bolup, o-da aşak eňdi. Ikisem daş gaçan ýaly bolup, patlap ýere düşdüler.

Soň-soň ýere patlap däl-de, gaýyp düşmegi öwrendiler. Soň aňyrrakdan öwrüm berip gaýtmany çykardylar. Garaz, şeýdip, uçmak işi oňuna boldy-da gidiberdi.

Indi höwürtgede köplenç agrasja serçe bilen ikatýok ikisi galýardy. Galanlary gazanç bilen mübtela.

Agrasja-da näler uçjak welin, arman, agras-agras pikirleri oňa päsgel berýär. «Hany, entek pikirlenip

göreýin! Uçmak diýlen zat oýunjak iş däl ahyryn!» diýip, ol oýlanýardy. Höwürtgeden ýere çenli aralygy gözi bilen ölçäp, uzakly gün kelle döwýärdi.

Ahyrsoň, açlyk-mätäçlik ähli hasaby bulaşdyryp başlansoň, ol ýüregine daş baglap, gözjagazlaryny ýumup, höwürtgeden üzüldi... Bir gün özüni aldap, deşige sümüp giden gurçukdan gaty gördi, ertesi ernini dyrnaçaklan tomzajykdan öýkeledi. Ýöne herniçigem bolsa, eýdip-beýdip gün-güzeran görmegi öwrendi.

Iň soňunda ikatýokjyk galdy. Iýmitlenmek üçin, agzyňy açyp, gözüňi petredip oturmakdan başga-da ýollaryň bardygyna düşünensoň, o-da uçmak bilen boldy. Bir günden bir gün bolsa, ol awa gitdi-de, gaýdyp gelmedi. Delje oňa kän garaşdy, geler ýerde gelmänsoň: «Aý, bir kebelegiň ýa-da teneçiriň yzyna düşüp, kowalaşyp gidendir-dä!» diýen netijä geldi.

## 9-njy bap

Serçejikleri aman-sag kemala getirip, guş hataryna goşansoň, Deljäniň birazajyk dünýäsi giňäp, reňki durlanyp başlady. Çüňkleri bilen ganat-perini arassalaşdyrmaga-da, daş-töweregi, aşak-ýokaryny synlamaga-da az-kem wagt tapyp ugrady. Daş-töwerek bolsa şeýle bir gözel eken, şeýle bir hezil eken. Hol garagörnümde saýa salyp, şaglap oturan baglar diýermiň, ýaýylyp ýatan ekinzarlyklar diýermiň, dürli dilde, dürli heňde saýraşýan guşlar

diýermiň. Gözüni ýumaga-da, aýdyma gygyrybe-resiň gelýär.

Her günem säher bilen harabaçylygyň gaýrasyndaky gumak ýoldan çagalar mekdebe geçýär. Öýlänem şol ýol bilen mekdepden yzlaryna gaýdýarlar. Delje olaryň kesek atym yzyndan pysyrdap, harabadan mekdebe çenli, mekdepden haraba çenli ugradýar. Delje olaryň haýsynyň sapaklaryna taýýarlyksyz barýanyny, mekdepde haýsynyň nähili baha alanyny hatasyz kesgitläp bilýär. Özüniň adybelli «ikilikçi» ülpetleri ýüzlerini sallaşyp, sumkalaryny süýreşip geçiberdigi, Delje «Gaýgy etmäň, oglanlar! Biziňem göz görkezjek wagtymyz geler!» diýip, içinden olara göwünlik bererdi. Sumkasyny oklap-gapyp, bökjekleşip barýan «5-likçileri» görse, gözi giderdi. Öz-özüni köşeşdirmek üçin, «Bolsaňyz bolupsyňyz-da «5-likçi!» Ony kim oňarmaýar. Ýöne, hany, serçä öwrüljek bolup görüň! Başaraýmarsyňyz!» diýerdi.

Serçeleriň durmuşynda-da gowy günler gaty gysga bolýan eken. Delje heniz özüni doly dürsäp, gerdenjiklerini oňly ýazmaga ýetişmänkä, serçeleriň mesgeninde uly harasat gopdy.

Delje bir gün säher bilen uly gyk-baga, yzanda-çuwanlyga gözüni açdy. Ol kellejigini höwürtgeden daşaryk uzatdy-da, bada-bat yzyna çekdi. Harabanyň içindäki turýan topalaň akyla sygar ýaly däl. Jüýgüldi, jürküldi diýlen zat gulagyňy gapyp barýar. Ýelek-per

diýlen zat asmandan gar ornuna gaýyp düşüp dur. Nirä seretseň, gara, melemtil reňkli nätanyş guşlar, haýsy tarapyňa baksaň, ala-basgy bolşup, jyryp barýan serçeler...

Delje bu zatlar düýşünde bolup durandyr öýdüp, gözlerini mäkäm ýumdy. Bir salymdan ýene açdy. Görse, onuň höwürtgesiniň edil öň ýanynda hälki gara, melemtil guşlaryň biri hekgerip otyr. Özem Deljäniň göni garagyna seredip, «Çyk-çyk-çyk!» diýip tekrarlaýar. «Wiý, bu sar ahyryn!» diýip, Delje içini gepletdi. Birhili ýüki ýeňläp, göwrümi giňän ýaly boldy. Öňräk, adamka-ha onuň sarlar bilen arasy erbet däldi. Hatda ýoldaşlaryndan kem galmajak bolup, sarlar üçin bir-iki sany agaç höwürtge-de ýasapdy. Şonuň üçinem ol ýaňkynyň ýüzüne bakyp, dostlukly äheňde: «Eý, salam, sarmy sen?» diýdi. Sar hem oňa seretdi-seretdi-de, birden: «Çyk-çyk-çyk-çyk!» diýip, çalt-çalt gaýtalap ugrady. Deljäniňem gahary geldi. «Çykmaryn!» diýdi. «Kimdirin öýdýäň-aý özüňi? Düýn dälmidi meniň inimiň elinden däne çokup ýöreniň!» diýdi. Onuň bu sözleri azda-kände täsir etdimi-nämemi, sar aljyrady. Ne öňküsi ýaly «Çyk!» diýip bildi, ne-de uçup aňyrrak gitdi. Ikijahan owarrasy bolup, höwürtgäniň agzynda kän oturdy. Onýança ýene bir sar uçup geldi. Ol bir öz garyndaşynyň, bir-de Deljäniň ýüzüne dikarynlap seretdi-de: «Nijik-niçik-niçik?» diýdi. Öňden oturan sar «Juk-juk-juk!» diýip başyny ýaýkady.

Onsoň iki sar beýleräk çekilip, nämedir bir zadyň maslahatyny etdiler. Gaýtadan gelibem, geçdiler Deljäniň daşyna. Hersi bir ýandan çokup, çekeläp, ütüp, alarladyp barýarlar. Delje çydaman: «Dat, ýeteweriň!» diýip gygyrdy. Ýöne serçelerden kömege geleni bolmady. Hatda Deljäniň öz ýetişdiren serçelerem gara bermedi.

Halys ejizlän Delje «Eje-e!» diýip, sesiniň ýetdiginden möňňüre-möňňüre, höwürtgäni taşlap gitdi.

## 10-njy bap

Tanyş serçeleriň dört-bäş sanysy bir topbak çöpüň aşagyna üýşüp, gowur turzuşyp oturan eken. Delje-de şolaryň ýanyna baryp gondy.

— Bular her ýyl şeýdýärler ahyryn! — diýip, serçeleriň biri jibrinýärdi.

— Heý, bize-de şu biwatanlykdan dynmak barmyka? — diýip, beýleki biri has-da janygyp gürledi. Öz höwürtgesi bolmadygyň öz watany bolarmy! Iliň höwürtgesinde gün görjek bolsaň, kysmatyň şudurda!

— Ýeri, ýeri! Ters gürrüň ediberme! Serdara ýetirerin welin, kysmatyňy gözüňe görkezer...

— Külejäniň näme, öz höwürtgesimidi eýsem? Ony näme üçin çykaryp kowmadylar?!

— Näme, Küleje bilen özüňi deňeşdirýäňmi indi? Şonuň güni bir başyňa gelmesin...

— Aý, hawa-da, ejize, hossarsyza sarlaryňam rehimi inýändir-le!

Bu ýerde depesi tä beýnisine çenli çokulan hol bir wagtky garagolja serçe-de bar eken. Onuň höwürtge bilenem işi ýok, hossarsyz bilenem. Gürrüňiň arasynda sähelçe böwşenlik tapdygy, sözi şu günki bolan söweşe syrykdyrmaga çalyşýar:

— Pah, urşup keýpden çykdyg-aý şu gün-ä! Köpden bäri şeýle hezillige sataşmandym... Ynansaňyz, bir özüm üç-dört sary urup ýykdym-aý!

— Üç-dört sary urup ýykanyň-a göremzok welin, üç-dördüň öňüne düşüp gaçyp barýanyň-a gördük — diýip, diňleýji serçeleriň biri ony utandyrmaga synanyşdy.

— Men gaçan däldirin, yza çekilendirin! — diýip, jalaýja eňek bermedi. — Üç-dördüň arasyna düşüp, sag-aman yza çekiläýmegem öňýeteniň elinden gelýän däldir.

— Hany, bes etsene paňkyldamaňy! Urdum-ýykdym-sürdüm diýibem aldyň-aý halys! — diýip, ýelekleri hüžžerip duran bir ekabyr serçe onuň ýüzüni dalady. — A-how, serçeler, görýän welin, işiňizi tükedip ýörsüňiz öýdýän sizem! Gowusy, çynlakaýrak gürrüň tapsaňyzlaň, bir ýaňranyň agzyna aňkaryp oturmaň-da.

— Dogry. Gowusy, mundan beýläk nädip gün görmeli diýlen meseläni çözeli-le.

Mesele diýlende, Delje çalarak tisginip gitdi. Göwnüne bolmasa, özüne tarap biri barmagyny çommaldaga-da: «Hany, tur ýeriňden, meseläniň çözgüdini sen aýt!» diýäýjek ýaly boluberdi. Ýöne aladasy agdyk serçeleriň onuň bilen işi-seri ýokdy.

— Be-e, indi şeýdip köçede galybermeli bolaýarmyka?!

— Alajyň näme eýsem?!

— Pena sorap, sarlaryň öňünde müzzerib-ä bolmaz.

— Müzzereniň bilen pena bererler öýdýäňmi?

Garagolja ýene ýoknasyzlygyny etdi:

— Ähli güýji jemläp, sarlaryň üstüne gaýtadan çozuş etmeli, höwürtgelerini basyp almaly!

— Hä-ä, muny bildiň! Indi bar şolaryň ýanyna, gözüňem akdyryp goýbersinler!

Serçeleriň bu janygyp, kelle döwüp oturyşlaryny göreniňde «Hä, bular-a bir çykalga tapman goýjak däl-ow! Iň bolmanda, häzir öräge-de, höwürtge baryny gurup başlarlar-ow!» diýdirýärdi.

Delje-de dili dek durýanlardan däl, onuňam gürläsi geldi, mekdepdäki endigi boýunça, sag ganatyny ýokaryk göterdi:

— Bagyşlaň, ýoldaş serçeler, bir soragym bar!

Serçeler: «Aýt-da-aýt!» boluşdylar.

— Aýtsam, ýaňky höwürtgeler aslynda kimiňki bolmaly?

— Sarlaryňky! Ýeri, bolanda näme? — diýip, serçeleriň biri göwni bir ýaly gürledi.

— O nähili «bolanda näme?»

— Ynha, şu hili-dä! Sarlar-a guryar, gyş golaýlaýança ýaşaýarlar-da, soň gyşdan gorkusyna göçüp gidýärler. Bizem alaga-da, olaryň höwürtgelerini eýeleýäris.

— Özgäniň höwürtgesine dawa etmäge kim size hukuk berýär? — diýip, Delje sesini gataltdy. — Beýdip, ondan-oňa kowlup ýörenden, özüňiz höwürtge guraýsaňyz bolmaýarmy? Haýasyzlar!

Serçeleriň arasyna dymyşlyk aralaşdy. Olaryň bary bir salymlyk doňup galana döndi. Delje bu ümsümligi öz peýdasyna ýordy. «Utandyrdym-ow bihepbeleri!» diýip, içinden begendi.

Şol wagt garagolja serçä jan girdi. Ol göýä agyr ukudan açylan ýaly, kellejigini silkdi, gözjagazyny açalak-ýumalak etdirdi-de, kynlyk bilen dillendi:

— Hany, ýaňkyja sözleriňi ýene bir gaýtala...

Deljäniň ýüregi bir ýakymsyzlygyň boljagyny syzan ýaly, çalt-çaltdan urmaga başlady. Şu aralykda onuň hälki gaharam gaçmaga ýetişdi. Gahar bilen bile gelen ýaňkyja batyrgaýlygam zym uçupdyr.

Onýança beýleki serçelerem «Gaýtala-da-gaýtala!» bolşup, onuň daşyna aýlanmaga başladylar. Olar gitdigiçe gazaba münýärdi:

— Saňa hukuk gerekmi? Kimiň hukuk berenini bilesiň gelýärmi? Biziň ýeňilmezek serdarymyz ber-

ýär şol hukugy! Ýa-da onuň berýän hukugyna göwnüň ýetmejek bolýarmy, hä?

Deljä agzyny açmaga maý bermediler.

— Sen biziň şöhratly neberämiziň üstünden güljek bolýaňmy? Gel-gel, indi biz – dabarasy daglardan aşan Lokga serçäniň nebereleri palçyga bulaşyp, çöpe çolaşyp, höwürtge gurarysmy? Sen bizi hol Çotdy serçe ýaly garamaýaklara deňäp, kemsitjek bolýaňmy?

— Ýeňiýoluk Çotdynyň jansyzydyr şu diýip arada men kän jibrindim welin, gulak asan bolmady-da.

Delje «Wah, işim gaýtdy. Asyl bularda henizem baý-garyply zamana dowam edýär oguşýa!» diýip oýlandy. Ýere has beter ýapyrylyp, gözlerini ýumdy.

— A-haw, merhemetli perdeşler, bu bir gelmişek ahyryn! Munuň bilen deň bolup durmak bize gelişmeýär. — Delje gözüni açsa, arada özünden «Klasdaşyň näme?» diýip soran serçe gürläp dur. — Hawa, doganlar! Munuň üçin janymyzy ýakyp, jöwenden gymmat wagtymyzy ýitirip durmalyň. Bu samsyk gelmişek neberäni, derejäni, abraýy nireden bilsin!

— Jöwen-ä oňat ýada saldyň-aý! Bişendir...

— Bişendir, bişendir! — diýip, serçeler tekrarladylar.

— Çozdukmy?!

— Çozduk, çozduk!

Deljäniň ýokary göterilmäge kuwwaty ýetmän, ýer bagyrtlap kän ýatdy. Howpy üstünden sowan häl-

ki serçä içinden alkyş baryny okady.

## 11-nji bap

«E-e-eý, samsyk başym! — diýip, Delje ahmyr bilen oýlandy. — Adamlaryň arasynda günüňi görüp bilmän ýören halyňa, serçeleriň sürüsinde näme körüň bardy diýsene!»

Onuň indi çydam käsesi püre-pür bolupdyr. Alajyny tapsa, serçeleriň arasyndan edil şu pille sogrulyp gitmäge taýyn. Bir arzuwy: araky jadygöýe sataşmak, sataşaýsa, onuň hut aýagyna ýykylmakdanam gaýtjak däl. «Menden näme ýasasaň ýasa, hala gurçuga öwür, hala-da tomzajyga, diňe serçe bol diýmeseň bolýar!» diýip özelendi.

Ýöne bar kinesini içine salyp, ümsüm gidibermegem Deljä ýakanok. Bu gören görgüleri, «gelmişek» diýlip kemsidileni üçin nädibem bolsa ar alyp gidesi gelýär. Wah, şu wagt, şu ýerde-de mekdepdäki ýaly diwar gazeti bolan bolsady, Delje bulary, baý, ýepbeklärd-ä! Bir wagt özüni uly ile gülki edişleri ýaly, gülki ederdi. Serdardan başlap, tä jalaýja serçä çenli ýeke-ýekeden suratlaryny çekip, hersiniň aşagyna-da goşgy ýazardy.

Goşguly pikir Deljäni begendirdi. Goşgy üçin gazetem hökman däl. Düz-de, gabady gelen ýerde üç-dört serçäni daşyňa üýşürip, ýatdan okaber. Meselem... meselem, ynha...

«Men serçejik, serçejik» diýen setir Deljäniň kellesine aňsatja geldi. Yzam düzüldi gidiberdi:

Men serçejik, serçejik,
Gopgunçy hem gorkajyk.
Höwürtgäm ýok, ýurdum ýok,
Açlykdan başga derdim ýok.

Men serçejik, serçejik,
Arpa-jöwen berdejik,
Aýdym diňle! Jik-jik-jik,
Jürk-jürk-jürk!

Goşgy Deljäniň göwnüne ýarady. Geň ýeri, goşgyny serçelerem gowy gördüler. Özlerine bagyşlap, ýörite goşgy düzülmegi olaryň başyny göge ýetirdi. Beýle hadysanyň serçeleriň durmuşynda ilkinji gezek bolşudy. Manysyna ünsem berip durman, olar goşgyny alyp göterdiler. Ýokary galýança bäş gezek gaýtalasalar, ýere düşýänçäler on öwran tekrarladylar.

Goşgy serdaryň gulagyna-da ýetdi. Ol hem Deljä «berekella» aýtdy we ony özi bilen nahar edinmäge çagyrdy. Deljäni sap ak çöregiň owuntyklary bilen hezzetledi. Nahar başynda serdar özüne bagyşlabam aýratyn bir goşgy düzüläýse kem bolmajakdygyny ýaňzytdy. Delje şondan soň «Men serdarjyk, serdarjyk» diýen täze goşgynyň ugruna çykdy.

Deljäniň sarpasy günsaýyn däl-de, sagatsaýyn beýgelip ugrady. Indi ony tanamaýan az-azdy. Özi hakda goşgy düzülmegini haýyş edip gelýäniň hetdi

bar – hasaby ýok. Hatda garagol serçe-de özüniň edermenliklerini goşgynyň üsti bilen taryplamagyny sorap, telim geldi. Deljäniň kellesine häzirlikçe ýekeje-de täze setir gelmese-de, ol gelenleriň hemmesinem hoş söz bilen gaýtarýardy. Özüniň tizden örän uzyn bir goşgy düzjekdigini, şol goşguda bolsa serçeleriň ählisiniň adyny ýekän-ýekän tutup geçjekdigini aýdyp, olary köşeşdirýärdi.

Şahyrçylyk etmek baradaky pikiriň öňräjik Deljäniň kellesine gelmeýşini diýsene! Ýeri, şeýdip, serçeleriň ýeke-täk şahyry bolda ýör-dä! Han özüň-soltan özüň. Goşgyň kapyýasyna at dakjak ýok, bogun sany deň gelenok diýjek ýok. Näme düzseň, geçjek durjak. Üstesine-de beýle şöhrat, bu hezzet-hormatlar. Kim bilýär, belki, serçelerem bir wagt aň taýdan ýokary derejä ýetip oturyberseler! Onda dagy serçeler edebiýatynyň düýbüni tutujy hökmünde Deljä ýadygärlik dikäýmeklerem mümkin.

Abraý-şöhrat diýeniňem balyk ýaly sypjyk bir zat-da. Ahmal bolsaň, eliňden sypýar ötägidýär. Delje süýji-süýji hyýallara gark bolup ýörkä, onuň ähli işini pyrryk etjek başga wakalar başlanypdy. Serdaryň bir geňeşçisi bardy. Adyna Dana serçe diýerdiler. Ynha, şol Dana serçe özüniň äpet şänik ýaly kellesine zor sala-sala, ahyrsoň Deljäniň düzen goşgusynyň manysyna düşündi oturyberdi. Onam bada-bat serdaryň dykgatyna ýetirdi.

...Delje «Men serdarjyk, serdarjyk» diýen goşgynyň üstünde kelle döwüp otyrka, iki sany serçe gelip, ony alyp gitdiler. Delje barsa, serdar gahardan ýaňa, özüniň oturan şahasy bilen bile sandyraýar.

— Ä-hä, şahyr, gel bakaly! — diýip, ol çüňküniň arasyndan syzdyryp gürledi. Deljäniň bütin göwrejigi bilen galpyldap duranyny görüp, ajy ýylgyrdy. — Näme, şahyrlaryň hemmesem seniň ýaly gorkakmy? Gel-dä golaýrak!

Iki-üç sany serçe Deljäni göter-göter edip, serdaryň aşak ýanyndaky şaha iki gezek mündürdiler. Ikisinde-de Delje patlap ýere gaçdy. Ahyrsoň ony şahanyň üstünde söýgetläp tutup durdular.

— Sen öz bolgusyz goşgularyň bilen Lokga serçäniň şöhratly nesillerine myjabat atýarmyşyň, olary gorkaklykda aýyplaýarmyşyň diýip eşitdik-le! Çynmy şol? Nä dymýaň, gürle! Gürle, ýogsa häzir iki gözüňem özüm urup akdyraryn.

Delje seretse, iş gaýdyp barýar. Ol janhowluna bir zatlar diýip pyşyrdady. Deljäni söýgetläp duran serçeler onuň sözlerini sesli gaýtaladylar.

— Serdarymyz! Bu şeý diýýär: «Men gorkajyk diýen sözi eýjejik diýip düzedäýsem bolmazmy?» diýýär.

Serdar gapdalynda oturan geňeşçisiniň ýüzüne seretdi. Geňeşçi özüniň dana başyny ýaýkap goýberdi. Serdar hökümli sesi bilen:

— Bolanok! — diýdi. — Hany, sen serçeleriň höwürtgesi ýogam-a diýjek bolýarmyşyň?

Delje ýene çüňküni ysgynsyzja gymyldatdy. Gapdalyndaky serçeler onuň bu gezekki pyşyrdysynam serdara sesli aýdyp berdiler:

— Goşgynyň «Höwürtgäm ýok, ýurdum ýok» diýen setirini «Höwürtgäm bar, ýurdum bar» diýip üýtgedeýin diýýä!

Delje görgüliniň bu teklibem kabul bolmady. Garaz, oňa delalat etmek serçeleriň niýetinde ýok eken. Ýüp syrylyp, toýnukdan geçen eken. Deljäni bir jaýryga dykyp, dört tarapynam petiklediler. Şu tümlükde demigip oturyşyna, Delje kän ýatlary ýatlady. Garryja enesinden we ejesinden başlap, ala-mula pişiklerine çenli onuň göz öňünden hatar-hatar geçdiler. Şu wagt garry enesi ýanynda bolan bolsa, Delje oňa özüniň ähli başdan geçirenlerini gürrüň bererdi, sansyz ertekini ýatdan bilýän enesi bolsa bar ertekisini ýatdan çykaryp, agzyny açardy. Şu mahal olaryň alaja pişigi mawlap gelsedi, bu zalym serçeleriň baryny kowalap, allaowarra eltip gelerdi. Häzir ýanynda klasdaşlary bolan bolsady... Wah, bolsady ekeniň bilen gögerjek zat barmy? Indi Deljä ol adamlary, ol ýoldaşlary görmek ýok. Her säher turup, uly şowhun bilen mekdebe tarap eňmek ýok...

Deljäniň bir wagtky şahyrlara öýkünip: «Hoş indi» ýa-da «Gal indi» diýen ýaly gaýgyly bir goşgy düzesi geldi. Ýöne bu tümlükde özünden başga

diňlejek barmy? Häzir kagyz-galam bolsa, Delje-de bir wagtkysy ýaly adam dilinde gürläp we ýazyp bilýän bolsady, onda başga gep. Onda Delje öz gören görgülerini goşga geçirip, kagyza ýazyp giderdi. Klasdaşlaram ony bir wagt bolmasa-bir wagt tapardylar, okap, gözlerine ýaş aýlardylar. «Şeýle oňat, şeýle ukyply klasdaşyň gadyryny bilmändiris, ikilikçi diýip göwnüne degipdiris!» diýip ökünerdiler.

...Gijäniň ýaryndamy ýa-da gündiziň bir çagymy, belli däl welin, daşarda bir şytyrdy peýda boldy. Şytyrdynyň yz ýanyndan kiçijik yş, yşyň agzynda-da bir serçäniň çüňki göründi. Bu şol «Klasdaşyň näme?» diýip, Deljä sowal beren serçe bolup çykdy.

— Eý, eý! Çyk, çyk! — diýip, ýaňky serçe pyşyrdady. Delje süýrenip çykdy.

— Sen, Delje, git! Häziriň özünde! Basymrak öz klasdaşlaryň arasyna bar. Bu ýerde saňa indi gün garasyny görmek ýok. Ýaňyja serdarymyz seniň iki gözüňem oýup, özüňem pişikleriň öňüne oklap gaýtmak barada buýruk berdi. Ugra! Ýene sähel salym eglenseň, işiň görülýär. Anha, gelýärlerem...

Ol serçe bir tarapa, Delje-de bir tarapa pysyrdaşyp uçup gitdiler. Bir salym uçandan soň, Deljäniň gulagyna yzdan bir şuwwuldy eşidilen ýaly boldy. Seretse, bir topbak serçe ýokary-aşak bolşup, ýetdim-ýetdim edip gelýärler. Delje bar güýjüni jemläp, ganatlaryny ýetişibildiginden galgatmaga

başlady. Serçe bol, adam bol — jan her kime süýjüdä!

Deljäniň garaçynyny edip gaçýanlygyna garamazdan, kowgy barha golaýlaýardy. Ynha, kowgularyň biri: «Ä-hä, şahyrjyk, jyryp barşyňmy şu» diýip gygyrdy. Delje bu şaňňy sesi yzyna seretmezden tanady: Garagoluň sesi. Anha, onuň sesi eýýäm ýokarrakdan bir ýerden eşidilip ugrady.

Ýagyrnysyndan inen urgudan ýaňa Delje tas deňagramlylygyny ýitirip, aşak kelemenläp gaýdypdy. Ýöne kynlyk bilen özüni dürsäp, ýene gaçyp ugrady. Indi urgular çar tarapdan ýagyp başlady. Delje ahyrsoň çydaman, özüni aşak goýberdi. Geldide, ýer bagyrtlap ýatyberdi.

Kowguçylar ony ýerde has-da gazap bilen ütmäge durdular. Deljäniňem indi gaýtawul bermäge gurbaty ýok. Ol diňe gözüni, kellesini penalamaga çalyşýar. Adam wagtyndan galan endigiň etdirýänidä, ýogsam, gaýdyp kelledir gözüň hyzmatyndan peýdalanmanyň miýesser etjegini ýa-da etmejegini kim bilýär.

Birden serçeleriň biri: «Gaçyň, gaçyň! Gyrgy, gyrgy!» diýip, galagoply gygyrdy. Deljäniň kellesi abat galan borly, ol özünden gitmänkä, diňe «Gutardy!» diýip pikir etmeg-ä däl, eýsem, özüniň ýene az salymdan gyrgynyň garnynda peýda boljakdygyny göz öňüne getirmäge-de ýetişdi.

## 12-nji bap

Ol bir mahallar gözüni açsa, töweregi çaýkanyp ýatan suw, astam suw, üstem suw, gapdallaram suw. «Be-e, ýaňky meni ýuwdan gyrgynyň içi durşyna suw eken-ow!» diýip, Delje oýlandy. Seretse, daşynda ululy-kiçili bir topar balygam ýüzüşip ýör. Hakyky, janly balyklar. «Asyl gyrgy meni awlamazdan öň, balykdanam geregini edinen eken. Ýöne bularyň heniz diri gezişip ýörüşleri täsin!» Ony ýene bir geň galdyran zat: şu ummasyz suwuň içinde ýatsa-da, özüniň hopukmaýşy boldy. Bir wagtlar-a ol suwa bolanokdy, çümen badyna, öwhüldäp, zompa ýokary çykardy. «A-how, meniň özüm bir dirimikäm?!» diýip, ol ýene böwrüni diňledi. Ganatlaryny gymyldadyp görse näderkä? Wiý, hany, onuň ganatlary?! Ganat ýerine, her gapdalynda beýleki balyklaryňky ýaly ýüzgüç gymyldap dur. Endam-janam sowut geýdirilen ýaly, ýaldyrawuk teňňeden örtülen. Ol bu ahwalatdan baş çykaryp bilmän, deňinden geçip barýan balyklaryň birini saklady:

— Dost jan, aýtsana, men kim? Serçemi ýa balyk?

Ötegçi balygyň çüýşeden ýasalan ýaly göm-gök hem-de tegelek gözleri öňküsindenem tegelenen ýaly boldy. Agzy öweldi. Ol şeýdip durdy-durdy-da, «lykyr-lykyr» edip, agzyndan bir süri düwme goýberdi. «Üstümden gülýär-ow, peläket!» diýip, biziň balygymyz (öňki Delje) içini gepletdi.

Ol ep-esli wagty şeýle gümürtik ýagdaýda geçirdi. Özüni ilkibaşda serçä öwrüp goýberen jadygöý onuň hakydasyna geldi. «Bu şondan başganyň işi däl — diýip, biziň balygymyz belli karara geldi. — Hawa-da, adamdan serçe ýasap bilýän jadygöý üçin serçeden balyk ýasamanyň näme kynlygy bar!».

Oglan-balyk uzak oýlanyp durmady, içinden: «Aý, muňa-da sag bol, jadygöý aga!» diýip, beýleki balyklaryň arasynda goşuldy gidiberdi. Balyklar serçeler ýaly «Kim sen, nireden geldiň, kimiň jansyzy?» diýip, ýürege düşüp durmadylar. Asla täze gelen balyga ünsem bermediler. Bularyň aladaly görnüşleri, garabaşynagaý bolşup, eýläk-beýläk hars urup ýörüşleri oglan-balygy geň galdyrdy. Bularyň ýekejesini bir salym saklap, iç döküşjek gümanyň ýok. Göräýmäge seni diňläp duran ýalydyr welin, birdenem öwrüler-de, nirädir bir ýere peýkam kimin süýnüp gider. Görseň, ýa-ha ol bir balygy kowup barýandyr ýa-da başga bir balyk onuň mekgesine münüp gelýändir. Biziň balygymyz: «Bular bir möhüm zadyň ugrunda-ha çapyşyp ýörler welin...» diýen netijä geldi.

Diňe käte-käte dört-bäş sany balyk bir ýere üýşýärler-de, ýaltalyk bilen pallaşyp, özara pikir alyşmaga durýarlar. Bir gezek şeýle özara pikir alyşma gatnaşmak oglan-balyga miýesser etdi. «Şu gün pylan bekre üç sany çapagy lak-luk agzyna atdy» diýip, şonda üýşen balyklaryň biri gürrüňe başlady. «Ýaňyrak

ol bekränem bir uly lakga lak-luk agzyna atdy» diýip, ikinji biri söze goşuldy. Üçünji, dördünji balygyňam gürrüňi kimiň-kimi «lak-luk atanlygy» barada boldy.

— Tiz suwam-a sowap başlar — diýip, biziň balygymyz gürrüňiň ugruny üýtgetmäge çalyşdy. Balyklar onuň ýüzüne parhsyz seredişdiler. Ýaňky söze başlan balyk pallady-da:

— Dogry aýdýaň! Suw sowar welin, onsoň hemmeler söwenleri lak-luk atyp başlarlar, söwenler sowuk suwda gaty gaçyp bilenoklar — diýdi.

Garaz, näme hakda söz açylsa-açylsyn, gep-gürrüň syrygyp, «lak-luka» geldi durdy. Soňra bujagaz söhbetiňem soňuna çykyldy. Balyklar ýene kimiň kimi lak-luk atanlygyny ýada saljak bolýan ýaly, çuňňur oýa batdylar. Şol pursat bulardan has kiçiräk bir balyk haýaljak ýüzüp, gapdaldan geçiberdi welin, gürrüňdeşleriň biri çaltlyk bilen öwrüläge-de, ony ýuwdup goýberdi.

— Bu ýaňkyny lak-luk agzyna ataýdy! — diýşip, beýleki balyklar hälkiniň öwgüsini ýetirdiler. Ol bolsa kiçigöwünlilik bilen: «Aý, sizem-ä... üýtgeşik bir atan zadym ýok-laý» diýip utanjyrady.

Şundan soň ýene öňki-öňkülik başlandy. Kow-ha-kow, ur-ha-tut. Anha, biri özünden kiçijik başga birini ýuwdup goýberdi-de, gözlerini süzüp, biraz durdy. Şol wagt has ulurak balyklaryň bir gelip, onam agzyna atdy. Bu-da gözüni süzüp durka...

Bilesigelijilikden oglan-balygam adamyň külembikesi ýalyjak bir balygy «lak-luk atyp» gördi. Balyjak ýüzgüçleri bilen onuň tas bokurdagyny ýyrtypdy. Oglan-balyk ony aňyrsyna geçirýänçä, azap baryny gördi. Şunda ol balyk ýuwdan balyklaryň keýpine gözlerini süzmeýändiklerine, ejirden ýaňa şeýdýändiklerine akyl ýetirdi.

Ýuwdulan balyjak aňryk geçensoňam, oýun baryny turuzdy. Oglan-balygyň içinde eýläk bir, beýläk bir ýüzdi ýördi. «Wah, iç-goşlarymyň-a işini görendir!» diýip, oglan-balyk howsala düşdi. «Içimdäkiden bir dynsam bolýar. Soň etjegimi bilýän. Özüm-ä bir ýuwutmaryn, beýlekileriňem bir-birini ýuwutmaklaryna ýol bermerin» diýip, ol öz-özüne söz berdi.

Soň ol agzyny giňden açyp, çygylyberdi-çygylyberdi. Onuň gözleriniň öňi garaňkyrap, başy aýlanyberende, hälki ýuwdan balygy agzyndan atylyp çykdy. Çykdy-da, aňyrrak ýüzüp baryp, oglan-balygyň ýüzüne geň galyjylyk bilen seretdi. Soň dodajygyny çömmeltdi-de, öz ugruna ýüzüp gitdi.

Oglan-balyk bolsa häzir möhüm bir meseläniň daşyna geçipdi. «Bularyň bu bolşunyň telekdigini özlerine nädip düşündirmeli?! — diýip, ol oýlanýardy. Ýöne düşündireniň bilen-ä düşünmezler. Düşünmedig-e «2-lik» goýjak diýseň näderkä? Wiý, mekdep bolmadyk ýerde «2-lik» näme işlesin diýsene! Onda mekdep açaýmaly bolar-da... Mekdep açmaly we

«Ähli balyklar dostdur hem dogandyr» diýen temadan günde azyndan bir sagat okuw geçmeli. Gulak asmadygyňam «2-likden» ýüküni ýetirmeli. Ynha, şeýtseň, bulary akylyna aýlandyryp bolar. Ýogsam, bir birini ýuwdup tüketjeg-ä bular!»

## 13-nji bap

Şeýlelik bilen, biziň balygymyz balyklaryň arasyndaky ilkinji mekdebiň düýbüni tutdy. Mekdebiň okuwçylygyna ol dürli ýaşdaky, dürli kysymdaky balyklary seçip aldy. Onuň plany boýunça, dürli ýaşdaky, dürli kysymdaky balyklaryň arasyndaky agzybir ýaşaýşyň nusgasy hut şu mekdepden başlanmaly. Onsoň mekdebiň okuwçylarynyň äbede-jüýjeligini görüp, beýlekilerem öz boluşlaryndan utanmaly, ökünmeli we şuňa meňzeşler.

Biziň balygymyz ätiýaçlylygam elden bererli däl, ol mekdebe özünden iriräk balyklaryň birinem almady. Bilip bolmaz, birden bularyň «lak-luk» keseli tutaýsa...

Günleriň bir günem «Hernä, 1-nji sentýabr bolaýsaň gerek!» diýip, oglan-balyk okuwa başlap goýberdi. Suwuň düýbünde ýerleşen iki sany tümmegiň aralygyndaky uly boşlukda balyklaryň taryhyndaky ilkinji okuw sapagy gyzyşdy.

Oglan-balygyň janygyp berýän gürrüňlerini balyklar agyzlaryny öweldişip diňlediler. Gürrüňi bolsa ol has aňyrrakdan — balyklaryň ýaňy döräp ug-

ran döwründen başlady. Ondan öňürtem, özüne mundan beýläk diňe «Mugallym!» diýip ýüzlenmelidigini ýatlatdy.

— Hawa, görşüňiz ýaly, hiç bir jandaram, şol sanda balyklaram aňsatlyk bilen emele gelmändir — diýip, ol sözüniň soňunda öz mugallymlarynyň biriniň sözlerini gaýtalady.

— Siz ýöne-möne balyk däl-de, eýsem, ýigriminji asyryň balyklarysyňyz! — diýibem, başga bir mugallymyň sözlerini üýtgedibräk ulandy. Onuň niýeti — şunuň bilen bir günlük sapagy geçip gutarmakdy. Ýöne şol wagt balaja balyklaryň biri ýoknasyzlygyny edip, onuň bar keýpini uçurdy. Ýaňky balyjak özünden öňde duranyň guýrugyndan saldy agzyna. Öňdäki görgülini onuň agzyndan zordan aldylar.

Bu okuwçysynyň göz-görtele bihaýalygyna oglan-balygyň ýaman gahary geldi.

— Men seniň temmiňi bererin! — diýip, ol hälki bezzadyň üstüne dergazap bolup gygyrdy. Şol pursat «mugallymyň» edil alkymynda duran daýawrak biri haýallyk bilen gozgandy-da:

— Mugallym, rugsat etseň, şonuň temmisini özüm bereýin-le! Ol zaňňar düýn meniňem guýrugymdan dişledi... — diýdi. «Mugallym» agzyny açmaga ýetişmänkä-de, bu daýaw ýaňky garagollyk edeniň ýanyna ýüzüp bardy-da, sen-men ýok ony ýuwutdy oturyberdi. Soňam hiç zat bolmadyk ýaly,

ýerine geçdi. «Berekella!» hantamaçylygy bilen «mugallymyň» ýüzüne seretdi. Oglan-balyk diňe:

— Bar, mekdepden gümüňi çek... — diýip bildi.

Bokurdagyna gelen gahar başga zat diýmäge oňa mümkinçilik bermedi. Temmi berlen ýeňsäni el ýaly etdi. Ýöne «mugallym» wagty bilen köşeşip bilmedi.

— Bir-biriňizi symyşlap ýörenden, aç gyrlaýsaňyz bolmaýarmy?! — diýip, ol okuwçylarynyň üstüne gygyrdy. — Anha, ak amurlar ömrüni ot iýip geçirýärler, açlykdan öläýenog-a şolar...

Balyklar özleriniň juda utanýandyklaryny aňlatmak üçin, gabaklaryny aşak goýberip, guýruklaryny haýaljak gymyldatdylar.

...Bu peýdaly sapaklar entegem kän-kän dowam etmelidi. Oglan-balygyň mekdebiniň şöhraty gitdigiçe uzaklara ýaýraýardy. Okuwçam kem-kemden köpelip barýardy. Ýöne...

Bir gezek pälwansypat balyklaryň biri bularyň mekdebini görmäge geldi. Sapagyň ýaňy gyzan wagtydy. Biziň balygymyz bolsa gözlerini ýumup, ýüzgüçlerini kelemenledip gürleýärdi.

Pälwansypat balyk çeträkde duran kiçileriň birinden «Bu kim?» diýip sorady.

— Bu biziň mugallymymyz! — diýip, körpe balyk buýsanç bilen jogap gaýtardy.

— Bä-ä-äý! Henize çenli mugallym diýlen balygyň etini iýip görmändim-äý! Süýjüdir öz-ä! — diýip, pälwan gözlerini süzgetletdi. Haýallyk bilen oglan-

balyga tarap ugrady. Körpe balygam onuň yz ýany bilen öňe okduryldy. — Miltem edäýmegin! — diýip gygyryp, pälwan sypatlynyň öňüne böwet boldy. Henize çenli balygyň balygy gorajak bolup topulanyny görmedik pälwan agzyny açaýdy. Ýöne bu geň galyjylyk körpe balyk üçin heläkçilik bilen gutardy, ol badyny saklap bilmän, göni gelip, pälwan-sypatlynyň aňalyp duran agzyna girdi.

Onýança beýlekilerem özüni dürsemäge ýetişdiler, hüwwe örüp, «mugallymyň» daşyna agyl bolup aýlandylar. Özüne göwni ýetýänleriň dört-bäş sanysy bolsa pälwan balyk bilen gidişip başlady. Eýleden bir süsüp, beýleden bir çekip, onuň eňter-pelegini öwürdiler. Pälwan balyk ahyrsoň çydamady, höküdikläp gaçmaga ýüz urdy.

Oglan-balygyň begenäýşini bir görsediňiz! «Okuwçylarym meni ölümden gutardy» diýip begenok-da, «Okuwçylarym maňa düşünip ugrapdyrlar» diýip begenýär. Adam wagtyndakysy ýaly gerlip duran elleri bolan bolsa, ol häzir okuwçylarynyň baryny ýeke-ýekeden gujaklap çykardy.

...Birden balyklaryň arasyndan «Gelýärler! Ýene gelýärler!» diýen howsalaly ses çykdy. Seretseler, ynha, bir topar men diýen balyk, suwuň astyny tolkundyryp, süýşüp gelýärler. Iň öňde-de hälki ýeňse berip gaçan balyk.

Biziň balygymyzy bu ahwalat aljyratdy. Ol näderini bilmän, dört ýanyna garanyberdi. Dogry-da,

suwasty söweş boýunça onuň entek çigit ýalyjagam tejribesi ýok ahyryn. Kesek atyşmaly ýa-da ýaka tutuşmaly bolsa, ol hem agzyny açyp durmazdy. Iň bolmanda, serçe bilen uruşdyrsalaram, bir gününi görerdi. Bu ýerde welin...

Onuň bu çykgynsyz ýagdaýyny aňdymy-nätdimi, okuwçylaryndan özüne göwni ýetip ýören dogumlyja biri öňe çykdy. «Pylanym pylany! Siz mugallymy goraň!» diýip, ýoldaşlarynyň dört-bäş sanysyna buýruk berdi. Galanlarynam ýerli-ýerinde goýuşdyryp, goranyş meýdanyny berkitmäge başlady. Onýança başky zarbanyň ilkinji tolkuny gelip ýetdi. Balyklaryň arasynda adaty bolmadyk söweş başlady. Söweşýänleriň bir tarap-a gara bokurdagyň ýesirleri, beýlekisem täze, düşünjeli ýaşaýşyň tarapdarlary.

Oglan-balygyň okuwçylary özleriniň kiçijikligine, ejizligine seretmezden, uly ýürek, çensiz batyrlyk bilen garpyşýardylar. Diňe seňseläp ýa-da ölüm ýarasy düşenden soň, söweş meýdanyny terk edip, haýallyk bilen ýokary göterilip gidýärdiler.

Elbetde, oglan-balygam bu döwüşi keseden synlap, uzak ýatyp bilmedi. Goragçylaryny ýanyna alyp, agzyny hatap ýaly açyp, uruş meýdanynyň çetinden girdi.

Ýöne hernäçe gidişseler-de, güýç deň gelmedi. Oglan-balygyň okuwçylarynyň hatary gitdigiçe selçeňläp, ýan berip ugrady. Bu tutluşygy adatdakylar ýaly «lak-luk» oýnudyr öýdüp, keseden balyk üstüne

balyk gelip goşulýar, gelenem oljadan galmajak bolup, söweşiň iň gyzgalaňly ýerine okdurylýar. Ilki bilenem oglan-balygyň ysgyndan gaçan okuwçylary olara şam bolýardy.

Şol güpür-tapyryň arasynda biri oglan-balygyň böwrüne çalaja dürtdi. Seretse, häli mekdebiň okuwçylaryna buýruk berip ýören dogumlyja balyk. Bir gözi, bir ýüzgüji harap bolupdyr, böwründe-de çuňňur ýaranyň yzy hoňkaryp dur.

— Mugallym! Pursat elden gitmänkä, sen gaç-da başyňy gutar... Bütin mekdepden ikimizden başga dirisi galmady. Häzir bular bir-biri bilen gemrişip ýör. Gaç, mugallym... — diýip, ol pyşyrdady.

Biziň balygymyz kynlyk bilen dillendi:

— Ýok, men beýdip bilmerin. Mugallym adymy harlap, gaçyp bilmen. Okuwçylarymyň ýok ýerinde menem ýok. Gowusy, sen git, özüm seni penalaryn. Meniň mekdebimden, iň bolmanda, ýekeje okuwçy diri galsyn... Öz mugallymyňy ýatdan çykarma! Bar, git basym!

— Ýok, meniň diri galaýjagym gümana, diri galanymda-da, menden haýyr az. Ynha, sen sypyp bilseň welin, başga gep. Sen ýene müňläp-müňläp okuwçy ýetişdirersiň. Balyklaryň arasyndan täze durmuşyň ýeňmegine kömek edersiň...

Bularyň jedelini çözere maý bolmady. Uly balyklaryň biri olaryň kelle direşip duranyny gördi-de:

«Hernä, ikisem birden agzyma sygar-da!» diýen pikir bilen, bärik okdurylyp gaýtdy.

Hälki dogumlyja balygam: «Mugallym, gaç!» diýdi-de, duşmana garşylyklaýyn topuldy. Iki balyk goç süsüşen ýaly süsüşdi, uly balyk az salymlyk özüni ýitirdi, dogumlyja bolsa hereketden galyp, suwuň düýbüne çökdi.

Oglan-balyk mundan artyk eglenmäniň peýdasynyň ýokdugyna göz ýetirdi. Bar güýjüni jemläp, kenara tarap ýüzüp ugrady. «Şulara aw bolandan, kenarda demigip ölenim gowudyr!» diýip, barýarka pikir etdi.

## 14-nji bap

Öz hasaby boýunça, ol bu wagta çenli ýagty jahan bilen hoşlaşmalydy. Kenara atylyp çykanyna esli salym-a geçen bolmaly. Ol özüniň henize çenli diriligine geň galyp, gözlerini çalaja açdy. Görse, gury ýerde däl-de, ýalpajyk, ýylymsyja suwuň içinde ýatyr. Ol guýrugyny gymyldadyp gördi, suw şylp-şylp ses etdi.

— Tüweleme, ahyrsoň özüňe geldiň-ow! — diýip, ýokardan bir owaz geldi. Oglan-balyk jadygöýüň bu tanyş sesini eşidip, tisginip gitdi.

— Jaý wagtynda ýetişdiň, jadygöý aga! Meni tiz-den-tiz adama öwür! — diýip, ol pyşyrdady.

Jadygöý başyny ýaýkap, uludan demini aldy:

— Gadyrdan, haýwanlykdan adama öwrüp bilmeýänimi men saňa başda aýtdym ahyryn!

— Onda men nätmeli indi? — diýip, oglan-balyk aglamjyrady. — Meniň ejemi, kakamy, inimi göresim gelýär. Mekdebimizi, bile okan klasdaşlarymyzy göresim gelýär...

Jadygöý dymyp dur.

Oglan-balyk özi aglap, özi köşeşdi:

— Onda meni gaty güýçli bir haýwana öwür. Meselem, gaplaňa! — diýip, ol öýkeli gepledi.

— Gaplaň-a bolmaz. Bu töwerekde gaplaň gezip ýören ýeri ýok. Şonuň üçinem, birinjiden-ä, seniň hakyky gaplaňdygyňa hiç kim ynanmaz. Ynandyraýjagam bolsaň, ilki içiňi ajy tüsseden dolduryp, hamyňy sypyrarlar-da, soň ynanarlar. O-da saňa juda gymmat düşer.

— Hany onda, tap-da bir alajyny! Seniň jadygöý bolanyň nirede...

— Sen... möjek bolaýsaň nädýär? — diýip, jadygöý birhili çekinjeňlik bilen onuň sözüni böldi.

— Möjek? Hüm-m! Möjek diýdiňmi? Bolýa-da... Öwür meni möjege! Serçelikden, balyklykdan-a gowudyr...

## 15-nji bap

Möjege öwrülen oglanjyk jadygöýüň öwredişi ýaly, garaňky düşüberende tumşugyny dik göge tutup, deminem içine ýygnap, zorruk ses bilen uzyn-

dan bir uwlady welin, bu gorkunç sesden ýaňa özüniňem endamy jümşülläp gitdi. Onsuzam ümsümlige çümüp oturan töwerek öňküdenem beter dymdy. Bu ümsümlik oglan-möjegi has-da eýmendirdi. Ol gorkudan ýaňa ozalkydanam uzyn uwlady. Oňa ahyrsoň jogap berdiler. Uzakdan bir ýerden çala gulagyna ilen uwwuldy oglan-möjegi hem-ä biraz köşeşdirdi, hem-de ýüregine düşnüksiz bir dowul saldy. Ol jogabyň haýsy tarapdan gelenini anyk bilmek üçin, bokurdagyna ýene bir gezek zor saldy. Jogap uwwuldysy günbatardan ýaňlandy. Onsoň oglan-möjek şol tarapy nazarlady-da, gidiberdi.

Seňk-seňk edip, şol gidip barýar-gidip barýar. Hälki sesiň çykan ýerine ýeter ýerde ýetiberenok. Onsoň oglan-möjek bir kiçijik alaňyň eteginde aýak çekdi. «Ýaňky uwwuldy meniň gulagyma eşidilen bolaýmasyn?» diýip, böwrüne diň saldy. Edil şol halat bir agyr zat onuň ýagyrnysyna hopba boldy. Oglan-möjek ýere ýazylyp gitdi, agzy çägeden doldy. Ynha, indi ol ne gygyryp bilýär, ne-de arkanlygyna öwrülip, bogazy bolsa atagzy bilen gysylýan ýaly barha daralýar.

Şeýdip, ol ölüm bilen ýaşaýşyň, çäge bilen agyr göwräniň aralygynda esli salym demigip, urnup ýatdy.

Soňrak, ýeriň aşagyndanmy ýa-da asmandanmy (muny seljermäge oglan-möjegiň wagtam ýok — gurbatam) bir hökümli ses geldi:

— Goýberiň!

Üstünden agyr ýük aýrylan oglan-möjek kem-kemden özüne geldi. Kynlyk bilen aýak üstüne galyp, töweregine göz gezdirdi. Ine, dört sany möjek onuň ýanyny alyp, heşerlenişip durlar. Gözlerem ot bolup ýanýar.

— Niräniň möjegi borsuň? Näme üçin, näme niýet bilen geldiň? — diýip, ýokardan ýene hälki hökümli ses eşidildi. Oglan-möjek tisginip, ýokaryk seretse, pessejik alaňyň üstünde, Aý şöhlesiniň aşagynda ýene bir äpet möjek art aýaklarynyň üstünde butnaman otyr. Onuň dikgerip duran ýeke gulagyny görende, oglan-möjek özüniň ýalňyşman gelendigini aňdy. Ol jadygöýüň öwredişi ýaly, duran ýerinde garysyna çökdi:

— Eý, çölleriň eýesi, itleriň ýagysy, goýunlaryň piri, kuwwatly serdar! Men diňe seniň mizemez erkiňe tabyn bolmak üçin, seniň kuwwatly aýaklaryň öňünde dyza çökmek üçin, indi näçe gije-gündizdir, çöl-beýewanda ygyp, ýollar aşyp gelýärin. Bu gün men öz arzuwyma gowuşdym. Indi meniň janym, erkim, ykbalym seniň eliňde, ýagny, ygtyýaryňda. Men biçäräni öz ganatyň aşagyna... ýagny, öz penaňa al, serdarym!

Möjekleriň serdary onuň sözüni üns bilen diňledi. Onuň keşbi öňki yzgytsyzlygyny birneme ýitiren ýaly boldy, äheňem az-kem ýumşady:

— Sen köp horluklar görüp, bir ýowuz beladan gaçyp gelene meňzeýärsiň! Ýeri, aýdyber!

— Seniň paýhasyňa, öňden görüjiligiňe gurban men, serdarym! Men hakykatdanam kän horluklar görüp, iň soňky demimde seniň penaňa özümi atdym. Bizi — seniň babaňyň babasynyň ikidoganoglanyň agtygynyň çowlugy bolan Gara möjegiň ordasyny gyrdylar, serdarym! Başdan-aýaga gyrdylar... Biz sürä çozduk, ýöne biziň çozjagymyzy bilip, çopanlar öňden duzak gurup goýan eken. Iki sanymyzy itler alyp galdy, iki-üç sanymyzam çopanlaryň okundan wepat boldy. Diňe Gara möjek ikimiz tötänlik bilen gabawdan sypdyk. Ýöne Gara möjege agyr ýara düşen eken, ol... ol ýolda... — Şu ýerde oglan-möjek hamsygdy, soň zordan özüni dürsän bolup, uludan demini aldy. — Hawa, Gara möjegem ýolda ýogaldy. Ýöne ýogalmazynyň öň ýanynda maňa şeýle sargyt etdi: «Gum eteginiň günbatarynda, pylan ýerräkde meniň bir babadaşym bolmaly. Adyna Ýekegulak serdar diýýändirler. Şony hökman tap, şol saňa hossar çykar!» diýdi. Men onuň sargydyny berjaý etdim, seniň ýeňilmezek ordaňa gelip gowuşdym, indi meniň armanym ýok! — Oglan-möjegiň ýene bogazy doldy. Onuň daşyny gallap duranlar çalaja uwlaşdylar. Serdaram duýgudaşlyk alamaty hökmünde oturan ýerinden olara goşulyp, ses etdi. Oglan-möjek özüniň nyşanany jaýdar uranlygyny bildi. Ol hem uwlady, ýöne begenjinden uwlady.

Bu uwlaşykdan soň möjekleriň serdary az salym oýa batyp oturdy. Serdar özüniň Gara möjek atly nähili babadaşynyň bardygyny ýada saljak bolup jan edýändir diýip, oglan-möjek içinden çak urdy, dogry bolubam çykdy.

— Nämesiniň nämesi diýdiň häli? — diýip, serdar oglan-möjekden sorady.

— Seniň babaňyň babasynyň ikidoganoglanynyň agtygynyň çowlugy! — diýip, oglan-möjek ýat beklän jümlesini gaýtalady. Ýöne şeýle jümle boýunça öz garyndaşlaryň, babadaşlaryň hasabyny çykarjak bolup gör-dä! Başyň aýlanyp, gözüň garaňkyrabermezmikä!

Bu jümle serdaram halys bulaşdyrdy. Ýöne ol sepini bildirmejek bolup:

— Hä-hä, ýadyma düşdi. Pahyr gaty akylly, algyr möjekdi! — diýen boldy. — Sen, garyndaş, hapa bolma — diýip, soň ol oglan-möjege göwünlik berdi. — Biz Gara möjegiň, onuň ordasynyň aryny ýerine salarys. Biz ordadan wepat bolanlaryň her biri üçin bir sürini çaparys!

Serdaryň soňky sözleri oglan-möjegiň keýpini bozdy. «Wah, gereginden artygrak jan çekip, bulary öjükdiräýdim öýdýän. Indi meniň günäm bilen, bir topar owlak-guzy, goýun-geçi heläk bolmaly bormuka?» diýip, ol gaýga gitdi. Her niçigem bolsa, özüni paş etmezlik üçin, daşyndan serdara çuňňur

minnetdarlyk bildiren boldy.

## 16-njy bap

Şeýdip, oglan-möjek bularyň süreninde ýaşaberdi. Ýöne garylyp-gatyşyp, öz-özleri ýaly bolup gidibermek welin oňa aňsat düşmedi. Möjekler hernäçe garyndaşsyran bolsalar-da, olaryň sap-sary göreçleriniň bir çetinde ynamsyzlygyň uçgunlary ýylpyldaşyp durdy.

Birinjiden-ä, täze gelen garyndaşyň aw diýlen zada düýpgöter ukypsyzlygy möjekleri geňirgendirdi. Bir agsak towşany tutjak bolubam, ol ýarym günläp ejir baryny gördi: dili sallanyp dyzyna ýetiberende, towşany zordan ele saldy. Ele salansoňam, beýleki möjekler ýaly hasyr-husur öz ýesiriniň bogazyny kertmän, gaýtam ony emaý bilen dişläp, goýara has ýumşagrak ýer gözleýän ýaly, ondan-oňa aýlandy ýördi. Ahyrsoňunda-da towşany alyp, bir buky ýere gitdi. Soňrak dili bilen tumşugyny ýalaşdyran bolup, göwnühoş halda gaýdyp geldi. Ýöne onuň agzynyň töwereginde gana bulaşan ýekeje-de tüý ýokdy. Bu bolsa möjekleriň ýiti nazaryndan sypmady.

Täze geleniň ýene bir geň gylygy bar eken. Ýokardan güsürdeşip-pysyrdaşyp bir topbajyk serçe geçiberdigi, ol sakga duryar-da, ýaňky serçelere seredýär, olar tä gözden ýitýänçä, şeýdip aňalyp duryar.

Gidip barýan ýolunda kak suwuna-zada gabat geläýse-de şeýdýär, birden duryar-da, hamana, bir

ýitigini gözleýän ýaly, suwuň düýbüne ýiti-ýiti seredýär. Suwuň beýle ýüzüne geçibem şeýdýär...

Garyndaşynyň bu täsin boluşlary aýratynam serdaryň gözüne dürtülýärdi. Ol ordanyň täze çleniniň (agzasynyň) şeýle gylyklaryna nähili düşünjegini bilmän, görgä galýardy. Çagalykdan galan bolgusyz endiklermikä?! Ýa-da munda serdaryň akyly ýeterden ulurak bir syr barmyka?!

Bir gün tutuş orda bir ýere üýşüp, dynç alyp otyrka, möjekleriň biri hyňrandy-da:

— Adamyň ysy gelýär... — diýdi. Möjekler hüşerilişdiler. Ysyrganyşyp:

— Hawa-da, hawa! — boluşdylar.

Serdar haýal etmän, möjekleriň birini razwedka iberdi. «Razwedkaçy» ep-esli wagtdan soň: «Bu jelegaýlarda adam tohumyndan hiç zat ýok!» diýip geldi.

Başga bir gün bolsa, guş-towuk ýok ýerden möjekleriň burnuna guş ysy geldi. Ýene bir günem, çöl-beýewanyň ortasynda, olaryň burnuna balygyň ysy haplap urdy. Bu geňlik kän gezek gaýtalandy. Ine, şol gezekleriň birinde, serdar bilgeşleýin täze möjegi razwedka ýollady. Ol aňyrrak giden badyna del ysam ýitdi. Serdar bu usuly soňrak ýene gaýtalady. Täze möjegiň garasy ýitenden, ys ýene ýitirim boldy. Del ysyň kimden gelýänligi indi serdara aç-açan aýan boldy. Ol täze garyndaşynyň yzyndan gözegçiligi has-da güýçlendirmek kararyna geldi.

...Oglan-möjek bir gün kak suwunyň düýbüne seredip, adatdakysy ýaly, bir wagtky okuwçylaryny ýatlap durka, kimdir biriniň özüne dykgat bilen seredýändigini syzdy-da, başyny galdyrdy. Şonda, hol beýleräkdäki çöplügiň aňyrsynda serdaryň ýeke gulakly äpet kellesiniň çalaja garalyp gidenini gördi. Onsoň ol: «Serdar meniň bu bolup durşumy geň göräýmesin» diýen pikir bilen, serdaryň gözüne çöp atmagy ýüregine düwdi. Suwa seredip durdy-durdy-da, birdenem tumşugyny suwa urdy. Hamana, bir zatlar tutan şekilli, hezil edip çeýneşdiren boldy.

Başga bir gün bolsa ol golaýragyna gelip gonan serçäniň üstüne oýundan topuldy. Serçe pysyrdap göge göterilensoňam, ep-esli aralyga kowalaşyp gitdi. Soň serçäniň yzyndan garap durşuna: «Kim bilýär, ýaňky meniň bir wagt ýetişdirip, kemala getiren serçejiklerimiň biri bolsa-da ahmal!» diýip pikir etdi.

Täze gelen möjegiň hiç zatdan habarsyz bolan bolup, eden bu hereketleri ony ullakan şübheden biraz halas etdi. Serdar ol barada şeýle netijä geldi:

— Lälik ösüp, guş-puşuň, balyk-palygyň etini iýip ulalan möjek diýerler muňa! Üstünden dürli ysyň aňkap durmasam şondandyr...

— Onda mundan adam ysy nädip gelýärkä? — diýip, serdar birden täze pikir tapyndy. — Ýa-da adam etinem dadyp göräýdimikä? Aý, ýok-la, adama erjeşerden-ä gaty gowşak bu! Onda näme?!

## 17-nji bap

Sürende iki sany möjek çagasam bar eken. Beýlekiler awa giden mahaly, oglan-möjek şol iki sany kiçijik garakça eneke bolup galýar. Çig eti çeýnäp, olara iýdirýär. Soň yzyna düşürip, golaýdaky kaka suw içmäge äkidýär.

Etden doýup, suwdan ganan möjekler soňra birbiri bilen basalaşyp, oýnaşyp başlaýarlar. Süreniň içini, töweregini ala-tozan edýärler. Käwagtam ikisi birden oglan-möjegiň daşyna geçýär. Biri dyrmaşyp, onuň üstüne münýär, beýlekisi onuň guýrugyndan çeken bolýar. Oglan-möjegem aslynda çaga bolansoň, bu oýny heziller edip alyp göterýär. Ilki ýerinden silkinip turýar-da, möjekleriň hersini bir tarapa pyzyp taşlaýar. Ýaňkylar gelip täzeden ýapyşýarlar, biri oglan-möjegiň boýnundan asylýar, beýle kisem guýrugyndan. Oglan-möjek, hamana, bularyň garşysyna durup bilmedik bolan bolup, gapdallygyna gürpüldäp ýykylýar...

Ol bu iki sany bitakat, garagol jandar bilen gitdigiçe ysnyşyp barýardy. Özüni, hamana, bularyň agasy ýaly duýýardy. Ownuk-uşak garagolluklaryny görmedik bolan bolýardy. Wagtal-wagtal bolsa olaryň hersini bir gapdalynda oturdyp: «Bir tanyş möjek gürrüň beripdi...» diýen bolup, adamlar hakda, olaryň durmuşy barada, mekdep hakynda her dürli hekaýalar

aýdyp bererdi. Çaga möjekleriň agyzlaryň açyp diňleýişlerini bir görsediňiz...

Ynha, bir gezek, adam hakyndaky gürrüňlerden soň, çaga möjekleriň biri oturdy-oturdy-da:

— Men ulalamsoň, adam boljak! — diýdi. Beýleki möjejigem doganyndan kem galyp barýan ýaly:

— Menem... menem... menem... — diýip, çyňsap ugrady.

Başga biri ýaňky sözlere pyňkyrardy, ýöne oglan-möjegiň pyňkyrmak ýadyna düşmedi, ol hälki çaga möjegiň ýüzüne seretdi-de, uludan demini aldy.

Başga bir gün bolsa oglan-möjek öz «inileriniň» ikisinem golaýyna çekdi-de:

— Hiç kimiň ýanynda dil ýarmazlyga söz berseňiz men size bir zat aýdaýyn! — diýdi. Möjejikler: «Aýtmarys-da, aýtmarys! Aýdyp ber-de, aýdyp ber!» bolşup, onuň goltugynyň aşagyna dykyldylar.

Oglan-möjek ikirjeňlenýän ýaly bolup, esli wagt sesini çykarman oturdy. Birdenem başyny galdyrdy-da:

— Biler bolsaňyz, men öň adamdym! — diýdi. Çaga möjekleriň gözleri mölerip gitdi. Ekabyrragy, öňräk «Men ulalamsoň, adam boljak!» diýýäni birhili galpyldap ugrady. Beýlekis-ä tas turup ökjäni göteripdi.

Ara düşen dymyşlygy ekabyr möjejik bozdy.

— A... a... soň näme üçin möjek bolduň?!

Oglan-möjek eginlerini gysdy-da, gussaly ýylgyrdy.

## 18-nji bap

Serdaryň buýrugy bilen oglan-möjege-de aw tilsimlerini öwredip başladylar. Serdar bir gün bir jansyz guzyny getirip, oglan-möjegiň öňüne oklady-da:

— Alyp gaç! — diýdi.

Oglan-möjek tisginip, gaýra çekildi. Bir seretse, möjekleriň ählisi oňa tiňkesini dikip, gözleri bilen iýäýjek bolşup durlar. Oglan-möjek bu guzynyň hem türgenleşik, hem synag üçin getirilendigine düşündi. Şonuň üçinem, ömre barabar gymmatly wagty ýitirip durman, guzynyň bir aýagyndan dişledi-de, aýagaldygyna ylgap ugrady. Ýöne kyrk-elli ädim ätmänkä, agzyndaky guzynyň aýaklaryna çolaşyp, tüwdürilip gitdi. Möjekler syrtaryşdylar. Serdar olaryň birine ümledi. Ol möjek okdurylyp bardy-da, oglan-möjegiň agzyndaky guzyny ýüzugruna kakyp aldy. Bir silkende, guzynyň läşi möjegiň ýagyrnysyna baryp düşdi, kellejigi bolsa möjegiň agzynda.

Ýaňky möjek şeýdip, arkasyndaky guzyny bir barmak beýläk gyşartman, ylgawyna serdaryň ýanyna getirdi.

— Muňa, garyndaş, hopba etmeli usuly diýilýär! — diýip, serdar oglan-möjege düşündirdi.

Soň «ýanbaşa almak» diýlen usuly öwretdiler. Ol emel şundan ybarat eken: öz oljaň (goýnuň ýa-da geçiniň) ýanyna gapdallap barmaly-da, bokurdagyndan gowşagrak dişläp tutmaly, soň onuň kellesini özüňe tarap biraz öwräge-de, gapdalyň bilen ylgadyp alyp gaýdybermeli.

Eger aw wagtynda itleriň çemine düşäýseň, ilki bilen-ä uruşsyz sypjak bolmaly. Bolmadymy, it kowup yzyňdan ýetiberdimi — ýykylmaly-da, arkan düşüp, dört aýagyňam garnyň üstünde düýrüp ýatybermeli. Tejribesizräk it bolsa, gelip, özüni göni üstüňe zyňýar. Ine, şonda, dyrnaklaryňy syh-syh edäge-de aýaklaryňy birden ýazyp goýbermeli. Şeýtseň, üstüňe zyňan itiň garny dört ýerinden böwsüp, içegeleri çogup çykýar.

Bu öwredilýän emeller, usullar bir-birinden çylşyrymly, bir-birinden aýylganç. Her emeli göreniňde, hut başyňy alyp gaçaýasyň gelýär. Şu emeller öňde-soňda derdime ýarar, diňe öz başymy däl, eýsem, bir topar goýnuň hem janyny halas etmäge kömegi deger diýip, oglan-möjegiň kellesine-de gelenokdy. Häzir onuň bar küýi, bar pikiri bu elhenç ýerden tizräk gaçmak, nirä-de bolsa bir ýere başyny alyp gitmek. Möjekleriň iniňi düýrükdiriji täze plany bilen tanyşmadyk bolsa, ol gaçsa-da gaçardy...

## 19-njy bap

Serdar täze plany birkemsiz bişirdim edensoň, ordanyň umumy ýygnagyny çagyrdy. Ol öz nökerlerine ýüzlenip, şeýle diýdi:

— A-how, möjekler, alakadyr towşan kowalap ýörmekden, haram ölen goýun-geçiniň maslygyny gözläp selpemekden ireňzokmy-aý? Dişler täzeje et isleýär, göwün söweş küýseýär. Äňlerimiz gowşap, damarlarymyz gatap barýar. Hany, aýdyň, nätmeli?!

— Alamana gitmeli!

— Sary çopanyň sürüsini çapmaly!

— Ýok, Çörli çopanyňky golaýrak, şoňa daramaly!

— Aman çopanyňky ondanam golaý...

Möjekbaşy haýbat bilen başyny göterdi:

— Bes ediň-aý bazar gurmaňyzy! Akylyňyz goýnuňkyça-da ýok siziň! Hany, garyndaş bir zatlar aýtjak bolýan ýaly-la...

Oglan-möjek maslahatyň soňuna galyp barýan ýaly, hopugyp-hopugyp gürle-di:

— Bolanok... bolanok... ol sürüleriň birine-de çozmaly däl!

Ol birden dilini dişledi, kellesiniň gyzgynyna özüni paş edenligini ýaňy aňşyryp galdy. Gana suwsan möjekleriň serdar başlyklaýyn ýerli-ýerden hyňranyşyp, öz üstüne topularyna garaşdy. Ýöne serdar düýpden başga perdeden gopdy:

— Berekella, garyndaş, akylly gürrüňi senden eşitdim. Ýaňky sanalan sürülere möjegiň diňe

akmagy çozar. Gözüňizi çerreldip oturmaň. Geň galasy zat ýok bär-de. Men size näçe gezekler aýtdym: «Akyly bolan möjek öz süreniniň golaýyndaky sürä degmez!» diýip. Bar aýdanym, bar öwredenim haram size, nadanlar diýsänim! «Çozalyň, çapalyň!» diýşen bolup... Baryň, çozuň, çapyň! Ertesi gelip siziňem süriňize tüsse berip gitsinler. Näme, siz adamlary özüňizden samsyk saýýaňyzmy?!

Şol wagt gapdaldan çaga möjekleriň biriniň kiçijik, naýynjar uwwuldysy eşidildi. Serdaryň ýüzi çytylyp gitdi. Özi gürleýärkä, onda-da ýygnakda gürläp durka, gapdalda bir çybyn jiňňildese-de ol halanok.

— Baryň-aý, ýeňsesine bir penje uruň peläketiň! — diýip, serdar buýurdy. Çaga möjegiň enesi hasyrdap galdy-da, uwwuldynyň çykan tarapyna seňkildäp gitdi.

— Onda şeýle, garny aç garyndaşlar! — diýip, serdar kinaýaly ýylgyryp, sözi dowam etdirdi. — Bilmeseňiz, bilýäne gulak asyň! Bu golaý-goltumdaky sürülere çozmak gürrüňini aradan aýyrýarys. Mundan birnäçe menzil gaýrada Hudaýguly diýen bir çopanyň sürüsi bar. Özem, nemede, kol... kol... adamlar näme diýýär şoňa?

— Kolhoz! — diýip, möjekleriň biri ýatlatdy.

— Hä, kolhozda iň gowy, iň semiz sürüleriň biri şol. Anha, hüjümi şol sürä gönükdirmeli. Meniň çakym, meniň hasabym boýunça, ertir däl birigün agşam gaý turmaly. Ine, şol gün agşamam biziň ag-

şamymyz bolar. Şol agşam, şol hüjüm biziň ordamyzyň adyny arşyň deňine göterer we külli Garagumyň taryhynda hemişelik galar...

Serdaryň hyjuwly, arzuw-hyýala beslenen sözüni naýynjar uwwuldy böldi.

— Indi şol ýetimegiňi ümsüm etmeseň, özüm hasabyny taparyn! — diýip, serdar ene möjege azm urdy.

Ene möjek görgüli ýene hasyrdap turdy. Ýöne çaga möjege şol gije bir döw-ä çalan eken. Daň atýança zaryn-zaryn uwlap, asyl uky bermedi.

Ertesi säher bilen oglan-möjegi has aýylganç, endamyňy jümşüldediji bir uwwuldy oýardy. Ol sürenden beýleräk saýlanyp seretse, uwlaýan ene möjek. Öňünde dem-düýtsüz süýnüp ýatan çagasynyň daşynda pyr-pyr aýlanýar. Birdenem durýar-da, çaga möjegi ysgaşdyrýar, tumşugy bilen çalaja itip görýär, soňam onuň gapdalynda çommalyp oturýar-da, uzyn-uzyn uwlaýar.

Oglan-möjegiň oňa juda ýüregi awady, ýanyna baryp, göwünlik beresi, derdini deň paýlaşasy geldi. Ol baryp ene möjegiň böwrüne tumşugyny degirdi, başga näme aýtjagyny bilmän, bir wagt goňşularynyňka ýasa gelen adamlaryň diýşi ýaly: «Yzy ýarasyn, bolmandyr-ow!» diýdi.

Ene möjek ol sözleriň manysyna düşünmese-de, täze garyndaşyň şeýdip gelmegi onuň göwnüni boz-

dy. Ol «Balam-uw... bogdular, öldürdiler balamy-y-y...» diýip, öňküdenem beter uwlap başlady.

Hakykatdanam, çaga möjegiň boýunjagazynda tüýler bulaşyp, gan bilen bile gatapdyr. Bu öňräk oglan-möjekden «Soň näme üçin möjek bolduň?» diýip soran möjejikdi. Onuň «Men ulalamsoň, adam boljak!» diýşi ýadyna düşende, oglan-möjegiňem bokurdagy doldy.

Serdaryň buýrugy bilen daňdana golaý öldürilen çaga möjek bolsa, gözlerini giň açyp, sessiz-üýnsiz ýatyr. Serdar ony «uwlap-uwlap, aýgytly çozuşyň ýanynda ordanyň üstüni açaýmasyn» diýen gorky bilen öldürdipdi.

Öz neberesinden bolan körpeje möjegi şeýle zalymlyk bilen öldürmäge dözen rehimsiz möjek dişleri, ertir Hudaýguly çopanyň sürüsini näder?!

Ýaňky möjek çagasy ýaly gözjagazlaryny açyp, dem-düýtsüz süýnüp ýatjak owlak-guzular, bokurdagy palaç ýaly çeýneljek goýundyr geçiler göz öňüne gelende, oglan-möjek hopukdy. Töweregine garanjaklaberdi.

Eýtmeli-beýtmeli, Hudaýguly çopany habardar etmeli. Gapyl galmasyn, goý, näçe iti bar bolsa, baryny aýak üstünde saklasyn, näçe tüpeňi bar bolsa, baryny oklap goýsun. Ahmal galmasyn...

Ýöne oňa nädip habaryňy ýetirjek? Göni goşuna baryb-a bolmaz. Bar-da gör, garnyňy ajy tüsse dolduryp goýbersin! Bar, birden rehimi inip, atmadam

diýeli-dä. Nädip diliňi düşündirjek? Uwlajakmy, çyňsajakmy? «Bu möjek janawar näme üçin uwlaýarka?» diýip, kelläňi sypar durar öýdýäňmi? Her biri gaplaň ýaly, algyr itleri bardyr. «Bas!» diýmänkä, her tikäňi bir ýerden çöplemeli ederler. Eý-how, çopan itlerimi, olar... Dur! It diýdiňmi? Hudaýguly çopanyň itleriniň biri bilen düşünişip bolmazmyka?

Bu pikirden soňra oglan-möjegiň ýüzi birazajyk ýagtylan ýaly boldy. Hawa-da, her niçigem bolsa, item haýwandyr. Adam adamyň diline düşünende, haýwan haýwanyň diline düşünmezmi?

Elbetde, çem gelen itiň ýanyna barybam bolmaz. Hondanbärsiräp ýören, bir girrik itiň üstünden düşseň, habaryňy almakdan-a geçen, gaýtam eýesiniň ýanynda «Möjek awlady» diýen ada galjak bolup, üstüňe topular, ondanam erbedi, uly ili örüzer. Köpi gören, parasatly bir it gerek munuň ýaly işlere.

Oglan-möjek ýaýdana-ýaýdana, belli karara geldi. Şol günüň agşamlygam, möjek ordasy uka gidensoň, niredesiň Hudaýguly çopanyň goşy diýip, ýola düşdi.

## 20-nji bap

Hudaýguly çopan köp çarşenbäni başyndan geçiren, paýhasly bir adamdy. Onuň goşuna mes bolup baranlar pikire batyp gaýdardy, gaýga çümüp baranlaram şat bolardy.

Onuň Boýnak atly bir iti bardy, beýleki itlere mydama baş bolardy. Özem her gün agşam goş bilen süriniň arasynda garysyny ýassanyp, Hudaýguly çopanyň gürrüňlerini diňläp ýatmagy juda gowy görerdi. Şonuň üçin bolsa-da ahmal, Boýnagyň akyly akyllary haýran ederdi.

Ýöne bu gün agşam goşdaky gürrüňiň mazasy bolmady. Hudaýguly çopanyň öňki bolşy ýok, birhili aladaly, ünjüli görünýär. Ýygy-ýygydan daş çykyp, asmana seredýär, sürä aýlanýar, itlerini barlap görýär.

Gürlemek gezegini bu gün onuň kömekçisi Japar alypdyr. Neressäniň içi gep-gürrüňden dolup giden eken. Çöl hakdamy, oba hakdamy, goýundyr geçi, möjekler hakdamy, geň-enaýy ýurtlar hakdamy... gürläp gidip otyr. Käte-käte Hudaýguly çopan onuň gürrüňini bölüp, daş çykyberse, oňa ýakanok.

— Ýa-k, Hudaýguly aga, şu wagta çenli hiç döw çalmadyk sürä indi näme bolar öýdýäň? Otur-da arkaýyn gürrüň diňläp... — diýip hüňňürdeýär.

— Gürrüňem-ä gürrüňdir welin, inim, şü şemalyň häzirki öwsüşi hiç maňzyma batanok. Şu gün bolmasa-da, erte dagy howa bulaşaýmasa diýýän! — diýip, Hudaýguly aga-da daş çykýar.

Japaryň bir möjek çagasy barada beren gürrüňini welin, Hudaýguly çopanam, Boýnagam, bu söhbeti ogrynça diňläp duran üçünji bir jandaram oňlamadylar.

— Bir gün gelýärkäm, möjek çagasyna gabat geldim, eşekden bökägede, düşdüm ýaňkynyň ökjesine! — diýip, Japar söze başlady. — Aý, ýaman gaty gaçýan eken peläket. Şonda-da tutdum-ow... Tutmasyna tutdum welin, soň nätjegimi bilmedim. Öldürseň-ä, bir boljak däl, men möjekleriň edähedine belet, çagasyny öldürseň, soň süriňi gyrgyna bermän goýanoklar. Goýberseň, ýene bir duşmanyň köpeljek...

— Ýeri, nätdiň onsoň?

— Nädendir öýdýäň? Ýanymda iňňe-sapagym bardy, alagada, ýaňky möjek çagasynyň otyrýerini tikip goýberdim.

— Ony näme üçin beýtdiň?!

— Ýa-k, Hudaýguly aga, şunça ýylyň çopany bolup, şonuň näme üçin şeýdilýäninem bileňokmy! Şeýdip goýberseň, ýaňky möjek çagasy iýenini daşyna çykaryp bilmän, uzak gije uwlap çykýar, onsoň möjekler «Ordanyň üstüni açaýmasyn!» diýip, ony özleri bogup öldürýärler. Düşündiňmi indi?!

— Sen, Japar, kän zady bilýäň, köp zady oňarýaň, ýöne... — Hudaýguly çopan gaşlaryny çytdy. — Ýöne, sen doňýürek adam, sende rehim-şepagat ýok.

— Bolaýd-ow bü-ýä! Näme, men öz duşmanyma rehim ederinmi eýsem? «Gurt çagasyndan ekdi bolmaz» diýipdirler.

— Adam çagasy bolsun, gurt-gaplaň çagasy bolsun, çaga çagadyr. Çagada näme günä bolsun!

— Bu gün çaga bolsa-da, ertir görseň, dişlerini çarhlap oturan möjekdir.

Daşarda garysyny ýassanyp ýatan Boýnak her gezek «möjek» sözüni eşidende, başyny galdyryp, hüşerilýärdi.

Şol barmaşa, hol aňyrda bir zat gymyldan ýaly boldy. Boýnak heniz ýitiligini ýitirmedik gözlerine şunça zor salsa-da, garaňkyda oňly zat saýgaryp bilmedi. Ysyrgandy, del ysam ýok. Sürem asuda ýatyr. «Beh, ätiýaçdan üýräýsemmikäm-aý?» diýip, Boýnak ikirjiňläp durdy. Soňam «Aý, biderek zat üçin üýrüp, uly ili bimaza etmäýin-le!» diýen karara geldi-de, turup, töweregi barlamaga gitdi. Töwerek ümsümlik. Boýnak biraz ynjalyp, yza dönen mahaly, ýeňsesinden «Eý, köpek dost!» diýen pessaýja ses eşidildi.

Öwrülip, üç-dört ädim ätse, öňünde bir möjek dur. «Wah, görmäýşimi... garrapdyryn-ow!» diýip, Boýnak ahmyrly oýlandy-da, beýleki itlere habar bermek üçin agzyny açdy.

— Dur, köpek dost! Entek meniň habarymy bir al! — diýip, ýaňky möjek dillendi.

— Möjegiň habary belli-le! — diýip, Boýnak ýene üýrmäge häzirlendi.

— Men möjek däl. Ýok, möjekligime möjek-de, ýöne oglan-möjek...

Boýnak geňirgendi. «Bu meni oýnajak bolýarmyka ýa-da gepe güýmäp, ahmal goýaryn öýdýärmikä?

— diýip, ol pikir etdi. — Şu wagta çenli bir-ä şeýdip göni gelen möjegi görmändim, birem oglan-möjek, gyz-möjek diýip eşitmändim. Näme bolsa-da, bu ýerde bir üýtgeşiklig-ä bar...»

— Hany, habaryňy aýt-da, basym ýeňsäňi el ýaly et! — diýip, Boýnak möjege azm urdy.

— Ýuwaşrak, köpek dost, ýuwaşrak! Men adyňam bilemok seniň...

— Adamlar-a maňa Boýnak diýýärler. Senem näme diýseň şony diý! Ýöne gepiňi gysgalt!

— Wah, Boýnak dost, menem adam ahyryn... Aý, onuň gürrüňini soň ederis... Siz, hemmäňiz, ertir agşam aýak üstünde boluň. Eýäňe-de nädip düşündirseň düşündir. Ertir agşam siziň süriňize tutuş bir möjek ordasy çozýar. Ýekegulak möjegiň ordasy...

— Bo-how, Ýekegulak entegem dirimi? Onuň bir gulagyny goparan-a özümdirin. Bu gezek gelsin bakaly, kellesini sogrup, öňüne taşlaýyn.

— Onçasyny özüň bil! Meniňki bir aýtmak. Onsoňam diňle, Ýekegulagyň plany şeýle: men itleri örüzmeli-de, aýagaldygyma gaçmaly, olaryň ünsüni özüme sowmaly. Şol wagt beýleki möjekler süriniň yk tarapyndan gelip, çozmaly. Olar etjegini edip, yzlaryna gaçansoňam, Ýekegulagyň özi süriniň ortasynda bukulyp galjakdyr. «Şu gezekde öňkisoňky arymy ýerine salaryn!» diýýär. Şonuň üçinem biriňiz süriniň ortasynda boluň... Anha, hojaýynyňam

daş çykdy öýdýän. Men gitdim! Ýoldaşlaryňa aýt, ertir meni gaty çyny bilen dalamasynlar, haýyş!

Oglan-möjek şeýle diýip, garaňka siňip gitdi.

## 21-nji bap

Serdar möjegiň «bütin Garagumuň taryhynda galar» diýýän taryhy hüjümi başlandy. Diňe ene möjek sürä çozmakdan boýun towlady diýmeseň, ähli zat planda bellenilendäkisi ýaly: howanyň tüýsi üýtgedi, güýçli ýel turdy, ýyldyrym çakyp, gök gübürdäp, asman ýyrtylara geldi. Ine, şol wagtam täze gelen möjek özünden möjek ysynyň gelmeýändiginden peýdalanyp, Hudaýguly çopanyň sürüsiniň ýele tarapyndan arkaýyn bardy-da, itleri örüzdi. Çopanlary başagaýlyga saldy. Soňam uzyn uwlap, gelen tarapyna ökjäni göterdi. Onuň mekgesine münen itler wagyrdysy daşlaşyberende, serdar bukuda ýatan nökerlerini aýaga galdyrdy-da, sürä tarap at goýdy. Baryp süriniň edil ortasyna kürsäp urdy.

...Ýeňseden ýaňlanan batly tarkyldyny serdar ilki gök gübürdisidir öýtdi. Ýöne bir möjegiň elhenç waňkyran sesi welin, ony bada-bat yza seretdirdi. Tarkyldy ýene gaýtalandy. Şol wagt ýalpyldap giden ýyldyrymyň ýagtysyňa ol süriniň daşynda ylgaşyp ýören itleri, elleri tüpeňli çopanlary, iň erbedem: waňkyryp ýere ýazylan ikinji nökerini gördi. Serdar duzaga düşenini aňyp, süriniň ortasynda aşak çökdi

welin, çöken badyna-da bir äpet it üstüne hopba boldy.

Ähli hilesini, emelini ulanyp, itden ölümiň öýünde sypan serdar oljadanam, ordadanam ellibizar geçip, ümdüzine tutdurdy. Gaçyp barýar. Bir görse, öňden aldyrany bar ýaly bolup, täze garyndaş okdurylyp gelýär.

— E-eý, aňkaw, sen näme iliň tersine gaçýaň? Ýa-da ajalyňa barýaňmy? — diýip, ol täze garyndaşyň deňine ýetmänkä gygyrdy. Ýöne garyndaşy maňa aýdýarmysyňam diýenok, gözi ýok ýaly, göni serdaryň üstüne gelýär. Serdar zordan sowlup ýetişdi. Sowlan dessine-de, garyndaşynyň gapdallygyna egrelip duran kuwwatly guýrugyna aýagy ilip, tüwdürildi.

Hasyrdap ýerinden tursa, täze garyndaş ýene üstüne atylyp gelýär. Özem «Sypmarsyň, serdar! Bu gezek sypmaga hakyň ýokdur!» diýip gygyrýar. Rejäniň geň däldigini aňan serdar täze garyndaşy bilen dikleşdi. Täze garyndaş, ýagny, oglan-möjek serdaryň gabawdan sypyp gaýdanyny uzakdan görüpdi. Şol bada hem öwrüm berip, onuň öňünden çykmaga alňasapdy.

Serdaryň öwredenje emelleri, ynha, şu ýerde özüne ýagy boldy. Ol şunça gahar-gazap bilen topulsa-da, oglan-möjek eger-eger asgynlar ýaly däl. Deň garpyşýar. Serdar haýsy emele ýüz ursa, oglan-möjegem şoňa laýygyny tapýar.

Şol barmaşa bir ýerden Boýnak, onuň yz ýanyndanam Hudaýguly çopan ýetip geldi. Iki möjegiň garpyşyp duranyny görüp, Hudaýguly çopan-a agzyny açdy. Boýnak welin wagty ýitirmedi, serdaryň ýeke gulakly kellesini nyşana alyp, onuň üstüne özüni zyňdy. Şeýdip oglan-möjek bilen Boýnak ikisi serdary ýere ýazdylar. Janyny jähenneme iberdiler.

Ine-de, biziň oglan-möjegimiz öz okan mekdebiniň janly burçunda otyr. Janly burçuň gözeneginiň öňünde hümerlenişip duran çagalara seredip, hem begenýär, hem gynanýar.

Hemmesi tanyş ýüz, tanyş ýerler. Ynha, öňki klasdaşlary. Anha-da, inisi, gözenege ýaplanyp, möjege ses-üýnsüz seredip dur. Onuň deň-duşlary möjege öýkünip, uwlan bolýarlar, daşjagaz oklaýarlar. Inisi welin bularyň oýnuna goşulanok. Ol nämedir bir zadyň pikirini edýär. Belki, nam-nyşansyz ýiten agasy hakynda oýlanýandyr...

Hudaýguly çopana duşandan soň, oglan-möjegiň ykbaly oňuna boldy. Ilkibaş-da ony Japar tas atypdy, ýöne Boýnak oglan-möjegiň öňüne pena boldy. Hudaýguly çopanam muny görüp, Japaryň elinden tüpeňi gaňryp aldy. Şol günüň ertesi oglan-möjegi getirip, mekdebiň janly burçuna tabşyrdy. Şondan soň tizara oglan-möjegiň ýanyna jadygöý geldi:

— Bo-how, ikilikçi dost, bärdemidiň asyl? Mekdepden gaçsaňam, ýene mekdebe getiripdirler-ow! —

diýip, jadygöý oňa habar gatdy. Oglan-möjek sesini çykarmady.

— Sen menden gaty görme, ikilikçi dost! Bu zatlaryň hemmesi seniň öz islegiň boýunça bolup geçdi. Diňe bir islegiňi ýerine ýetirmedim — seni gaýtadan adama öwrüp bilmedim.

— Meni indi şu ýerden, adamlaryň arasyndan aýyrmasaň bolýar! — diýip, oglan-möjek dillendi.

— Ýöne meni biderek gezip ýörendirem öýtme! Sen möjekleriň arasynda gezip ýörkäň, men öz jadygöýlük kitaplarymyň ählisini dörüşdirip çykdym, dünýäniň dört künjüni aýlanyp gördüm, garaz, seni adama öwürmegiň emelini gözledim. Ahyram tapdym...

Jadygöý şeýle diýenden, oglan-möjek ýokary-ýokary towsuberdi. Ýöne jadygöý ony saklady:

— Dur entek! Gaty begeniberme! Biler bolsaň, ol emel meniň elimde däl eken...

— Ol emel adamlaryň elinde — diýip, jadygöý dowam etdi. — Eger adamlar saňa seredip: «Adam ýaly akylly möjek eken!» diýip, üç gezek aýtsalar, sen adama öwrülýäň, ýogsa-da ýok.

Ynha, şondan bäri, jadygöý bilen bolan duşuşykdan soň oglan-möjek adamlaryň şol iki agyz sözüne garaşyp ýatyr.

Bir gün mekdebiň okuwçylary özleriniň janly burçuna möjek sowgat beren Hudaýguly çopany duşuşyga çagyrdylar. Ondan bu möjegi tutuşy barada

gürrüň bermegini haýyş etdiler. Hudaýguly çopan janly burçuň öňünde durup, bu möjegiň bütin Garagumda ady belli Ýekegulak möjek bilen söweşişi, ony ele salmaga kömek edişi barada ýekänme-ýekän gürrüň berdi. (Möjekleriň hüjümi barada Boýnaga habar ýetireniňem şu möjekdigini bolsa Hudaýguly çopan bilenok.) Sözüniň soňunda ol oglan-möjege tarap öwrüldi-de:

— Şu möjegi hor etmäň. Adam ýaly akylly möjek eken bu! — diýdi. Oglan-möjegiň ini üşüdýän ýaly, birhili galpyldap başlady. Çagalaram Hudaýguly aganyň yzy bilen:

— Dogrudanam, adam ýaly akylly eken... — diýip, iki-üç öwra gaýtaladylar. Möjege öňküdenem gowy seretjekleri barada Hudaýguly çopanyň ýanynda söz baryny berdiler.

...Şol günüň agşamlygam janly burçdaky möjek gürüm-jürüm boldy. Ertesi gün gelip görenler janly burçuň gapysynyň agzynda diňe bir oglanyň aýak yzyny tapdylar. Yzy yzarlap gördüler, uly ýola baryp, köpçüligiň aýak yzlaryna goşulyp gidipdir. «Bir garagol gelip, janly burçumyzyň gapysyny açyp gidipdir» diýen netijä geldiler.

— Hany, onda möjegiň yzy? — diýip, has düşbüler sowal berdiler. Jogap tapylmady. Ol möjegi gaýdyp bizden başga gören-eşiden bolmady.

***

Kim näme diýse diýibersin, adam bolmakdan gowy zat ýok eken. Goý, kyn bolsun, goý, irden turzup, mekdebe ibersinler, ýumuş üstüne ýumuş bersinler, goý, käte käýesinlerem, barybir, adam bolmak hezil eken, adamlar!

@sawyer agzaň "Iň soňky mowzugyndan" alyndy ☺